«7/24.tm»:
«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy

№ 40 (227)
30.09.2024

TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24 tm




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ GOL ÇEKEN RESMINAMASYNA LAÝYKLYKDA SPORT ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINE DÖWLET SYLAGLARY GOWŞURYLDY





# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ GATNAŞMAGYNDA SADAKA BERILDI

☑ 2024-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň üstünlikli geçmegi mynasybetli Türkmenbaşynyň ruhy metjidinde sadaka berildi.

Mälim bolşy ýaly, 24-nji sentýabrda geçirilen umumymilli forumda Gahryman Akadagymyz ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryna eýerip, Türkmenbaşynyň ruhy metjidinde agzybirlikde sadaka bermek barada teklip bilen mejlise gatnaşyjylara ýüzlendi we bu teklip biragyzdan goldanyldy.

Türkmenbaşynyň ruhy metjidiniň ýanyndaky kümmediň öňünde hajy Arkadagymyz hem-de Arkadagly hajy Serdarymyz mähirli garşylanyldy.

Ilki bilen, Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz metjidiň ýanyndaky kümmetde ýadygärlige gül dessesini goýdular. Türkmenistanyň müftüsi öten-geçenleri, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazowy hatyralap, aýat-doga okady.

Soňra Gahryman Arkadagymyz daşary döwletleriň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen söhbetdeş boldy. Ilçiler, öz gezeginde, şu günki berilýän sadakanyň Allanyň dergähinde kabul bolmagyny dilediler hem-de Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

Ondan soňra hajy Arkadagymyz we Arkadagly hajy Serdarymyz kümmetiň aşaky gatyna düşdüler. Bu ýerde müfti Türkmenistanyň ilkinji Prezidentini hem-de onuň ýakynlaryny hatyralap, aýat-doga okap, ýagşy dilegleri etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz we döwlet Baştutanymyz kümmetden çykyp, Türkmenbaşynyň ruhy metjidine bardylar. Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýolugruna abatlaýyş-abadanlaşdyryş işleri geçirilen metjidiň binagärlik aýratynlyklaryny we onuň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşyny synladylar.

Türkmenistanyň müftüsi mukaddes Gurhandan aýat-doga okap, ýagşy dilegleri etdi hem-de abadanlaşdyryş işleri geçirilen metjitde adamlaryň namaz okamagyna döredilen amatly şertler üçin ähli dindarlaryň adyndan hoşallyk bildirdi.

Soňra Gahryman hajy Arkadagymyz we Arkadagly hajy Serdarymyz ähli öten-geçenlerimizi ýatlap berilýän sadaka gatnaşdylar.

Sadaka bermek ýaly asylly we mukaddes dessuryň berjaý edilmegi tamamlanandan soňra, Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz sadaka gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

**www.tdh.gov.tm**



# DEREJELI TOÝLAR TUTDY WATANYM

☑ Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygyna bagyşlanan sungat ussatlarynyň dabaraly konserti boldy.

Garaşsyzlyk güni döwletimiziň berkararlygyny, nesilleriň we döwürleriň synmaz ruhy baglanyşygyny, ata-babalarymyzyň Watanymyzyň Garaşsyzlygy, ýurdumyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň jebisligi ugrunda köp asyrlaryň dowamynda eden arzuwlarynyň hasyl bolandygyny alamatlandyrýan baş baýramymyzdyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgelerine eýerýän agzybir halkymyz bu gün parahat we abadan durmuşda ýaşaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň sözlerine döredilen, tutuş halkymyzyň söýgüsini gazanan «Jan Watanym Türkmenistan!»atly aýdym tomaşaçylar üçin ajaýyp sowgat boldy. Ýurdumyzyň estrada aýdymçylarynyň, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň hor toparynyň we konserte gatnaşyjylaryň ählisiniň ýerine ýetirmeginde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzyň bagtyýar döwrüniň senasy bolup ýaňlanan «Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan»atly joşgunly aýdym dabaranyň ajaýyp jemlenmesine öwrüldi.

☑ Agzybir türkmen halky Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şöhratly 33 ýyllygyny uly buýsanç bilen belledi. Her bir şanly senäni ajaýyp zähmet ýeňişleri, dabaralary bolsa ýokary ruhubelentlik bilen garşylamak asylly däbe öwrüldi. Ine, şu ýylky baýramçylyk çäreleri-de Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyndan başlandy. Bu çärä hormatly Prezidentimiz gatnaşdy. Watanymyzyň Garaşsyzlyk gününe bagyşlanan baýramçylyk dabaralary ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ýaýbaňlandyryldy.

☑ Türkmen halky ýurdumyzyň baş baýramyny — Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygyny aýratyn ruhubelentlik, şatlyk bilen garşylady. Ol hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döretmek, öňegidişlik we gülläp ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Watanymyzyň taryhynda ykbal çözüji sene bolup durýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy»şygary astynda geçýän şu ýyl uly üstünliklere beslenýär. Şol üstünlikler halkymyzyň jebisligi, zähmetsöýerligi, maksada okgunlylygy netijesinde gazanylýar.

Şu günüň belentliginden ser salyp, Garaşsyzlygyň bütin dünýäde belent abraýdan peýdalanýan, kuwwatly, okgunly ösýän döwletiň ygtybarly binýadyny emele getirendigini ynamly aýtmak bolar. Türkmen halkynyň Gündogaryň beýik nusgawy şahyry hem-de meşhur akyldary Magtymguly Pyragynyň eserlerinde wasp eden berkarar döwlet baradaky köpasyrlyk arzuwy 1991-nji ýylyň güýzünde hasyl boldy. Hut şu ykbal özgerdiji pursatdan Watanymyzyň iň täze taryhy öz gözbaşyny alýar.

Türkmenistanlylaryň häzirki abadan durmuşy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan hem-de häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän düýpli özgertmeleriň ajaýyp miwesidir.

Asylly däbe görä, milli senenamamyzyň şanly senesi mynasybetli esasy dabaralar toýlybasyndaky köp sanly myhmanlaryň gatnaşmagynda Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançada ýaýbaňlandyryldy. Baýramçylyk görnüşinde bezelen münber köp myhmanlary garşylady.

Paýtagtymyzda badalga alan baýramçylyk dabaralary tutuş ýurdumyzda dowam edip, ildeşlerimiziň kalbyny şatlyk hem-de buýsanç duýgulary bilen doldurdy. Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şöhratly 33 ýyllygy mynasybetli dabaralar «Älem»medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada geçirilen konsert bilen jemlendi. Bu ýere ýygnanan köp sanly tomaşaçylaryň öňünde meşhur hem-de ýaş artistler, folklor-tans toparlary çykyş etdiler. Konsert tamamlanandan soňra, baýramçylyk feýerwerki Aşgabadyň gijeki görnüşlerini bezedi.

☑ Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygynyň hormatyna Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda baýramçylyk dabaralary geçirildi. Şol dabaralara hormatly Prezidentimiz gatnaşdy. Her ýyl ýurdumyzda baş baýramymyzyň hormatyna geçirilýän at çapyşyklary baýramçylyk dabaralarynyň öwüşginini has-da artdyryp, döwürleriň arabaglanyşygyny hem-de nesilleriň dowamatlylygyny, mähriban halkymyzyň gadymy milli däplere ygrarlylygyny alamatlandyrýar.

Täze taryhy döwürde gözelligiň we kämilligiň nusgasy hasaplanýan ahalteke bedewleri Türkmenistanyň okgunly ösüşiniň, parahatçylygyň we döredijiligiň ýoly bilen ynamly öňe gitmeginiň nyşanyna öwrüldi. Ýurdumyzyň hem-de umumadamzat medeniýetiniň gymmatlygy bolup durýan ganatly bedewler gadymy döwürlerden bäri bütin dünýäde uly meşhurlyga eýedir. Milletiň baý taryhy ýelden ýüwrük ahalteke bedewleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Asyrlaryň dowamynda bedew halkymyzyň aňynda hasyl bolan arzuwyň, maksada okgunlylygyň, ýeňiş gazanmaga erkislegiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Gadymy döwürlerde bolşy ýaly, häzirki wagtda-da ahalteke bedewleri ählihalk dabaralarynyň bezegi bolup durýar. Ýurdumyzda uly meşhurlyga eýe bolan at çapyşyklary hem ajaýyp, ýelden ýüwrük ganatly bedewlere syn etmäge, çapyksuwarlarymyzyň ussatlygyna mynasyp baha bermäge mümkinçilik döretdi. Ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen baýramçylyk çapyşyklary türkmenistanlylara we ýurdumyzyň myhmanlaryna ýatdan çykmajak täsirleri, şatlykly pursatlary peşgeş berdi. Baýramçylyk at çapyşyklary ahalteke bedewleriniň özboluşly waspyna öwrüldi.

**«Türkmenistan Sport» halkara žurnaly.**



# BOOKS BY THE HERO-ARKADAG DONATED TO THE JAPANESE LANGUAGE INSTITUTE AND KUMAGAI LIBRARY

☑ The Embassy of Turkmenistan in Tokyo has donated books by the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty Gurbanguly Berdimuhamedov, translated into Japanese, to the Japanese Language Institute of the Japan Foundation in Kansai and the Kumagai Library in Saitama Prefecture.

The donation ceremony was held under the motto of this year, proclaimed in Turkmenistan as the «Treasury of Wisdom of Makhtumkuli» in honor of the 300th anniversary of the great Turkmen classic.

The donated works will inspire readers and mark the beginning of a long and fruitful cooperation between Turkmenistan and Japan, according to the website of the Turkmen diplomatic mission.

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI

☑ 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Şanly senäniň — eziz Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilen umumymilli forumyň gün tertibine halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösüş hem rowaçlyk ýoly bilen üstünlikli öňe gitmegine gönükdirilen möhüm meseleler girizildi.

Soňra «Türkmenistanyň Gahrymany» diýen ada mynasyp bolanlary sylaglamak dabarasy boldy. Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Önümçilik-ylmy tohumçylyk assosiasiýasynyň prezidenti, GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygy, oba hojalyk ylymlarynyň doktory, akademik I.I.Kuzmine, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragyň eýesi A.S.Nurmuhammedowa we meşhur heýkeltaraş, Türkmenistanyň halk suratkeşi S.Babaýewe döwletimiziň iň ýokary sylagyny dabaraly ýagdaýda gowşurýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi tamamlanandan soňra, Maslahat köşgüniň eýwanynda Gahryman Arkadagymyz hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy, şeýle hem umumymilli forumda halkymyzyň bagtyýar durmuşyny we ýurdumyzyň sazlaşykly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen möhüm çözgütleriň kabul edilmegi bilen gutlady. Soňra döwlet Baştutanymyzy Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylary tüýs ýürekden gutladylar.

Hormatly Prezidentimiz gutlaglar we hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, hemmeleri ýetip gelýän baýramçylyk bilen tüýs ýürekden gutlap, olara eziz Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan jogapkärli işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**Setdar SETDAROW,**
**Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň başlygy.**

# HEPDÄNIŇ HABARLARY

☑ 23.09.2024 ý. Hyrat şäherinde Türkmenistanyň Owganystandaky Baş konsullygynyň binasynda «Magtymguly» atly kitabyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtynda habar berilýär.

☑ 24.09.2024 ý. Paýtagtymyzda Maslahat köşgünde Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

☑ 24.09.2024 ý. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň ýolbaşçysy Iwan Kuzmin bilen duşuşdy.

☑ 25.09.2024 ý. Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Döwlet migrasiýa gullugynda Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilen adamlara pasportlary gowşurmak dabarasy boldy.

☑ 26.09.2024 ý. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy mynasybetli geçirilýän dabaralara gatnaşmaga gelen Bütindünýä etnosport konfederasiýasynyň başlygy Bilal Ärdogany kabul etdi.

☑ 26.09.2024 ý. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Buig» kompaniýasynyň Baş direktorynyň orunbasary Edward Buigi, dolandyryjylar geňeşiniň agzasy William Buigi we «Buig Batiman International» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Pýer-Erik Sen-Andreni kabul etdi.

☑ 26.09.2024 ý. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Wozroždeniýe» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Igor Bukatony kabul etdi.

☑ 26.09.2024 ý. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «CLAAS» kompaniýasynyň paýdarlar jemgyýetiniň başlygy, German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň başlygy hanym Katrina Klaas-Mýulhoýzeri kabul etdi.

☑ 26.09.2024 ý. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň ogly, Bütindünýä etnosport konfederasiýasynyň başlygy Bilal Ärdogany kabul etdi.

☑ 26.09.2024 ý. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Buig» kompaniýasynyň Baş direktorynyň ogullary — kompaniýanyň Baş direktorynyň orunbasary Edward Buig, dolandyryjylar geňeşiniň agzasy William Buig, şeýle hem «Buig Batiman International» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Pýer-Erik Sen-Andre bilen duşuşdy.

☑ 26.09.2024 ý. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «CLAAS» kompaniýasynyň paýdarlar jemgyýetiniň başlygy, German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň başlygy Katrina Klaas-Mýulhoýzer bilen geçiren duşuşygynyň barşynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

☑ 26.09.2024 ý. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «John Deere» kompaniýasynyň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ýolbaşçysy Çaba Leýko bilen duşuşdy.

www.tdh.gov.tm

# DÖWLETLI MASLAHAT

☑ Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýaşlar barada döwlet syýasatyny amala aşyrmak boýunça öňümizde uly wezipeler durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň hem-de umumybilim berýän orta mekdepleriň sanyny artdyrmagy, saglygy sebäpli mümkinçiligi çäkli çagalar bilen alnyp barylýan işleri kämilleşdirmegi, olar bilen işleýän pedagogik işgärleriň hünärini ýokarlandyrmagy, ýokary okuw mekdeplerinde ylym-bilim-önümçilik arabaglanyşygynyň kämil usulyny döretmegi tabşyrdy.

Gahryman Arkadagymyzyň: «Ýaş nesilleri milli gymmatlyklarymyza, däp-dessurlarymyza buýsanç ruhunda, ynsanperwerlik kadalarymyz esasynda terbiýelemek üçin meşhur şahsyýetlerimiziň ýadygärliklerini ebedileşdirmek boýunça degişli işleri alyp barmagy, müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýetimizi, şöhratly taryhymyzy täze nazaryýet esasynda düýpli öwrenmegi hem-de ylmy taýdan beýan etmegi, Arkadag şäheriniň dünýäniň ylym-bilim merkezi hökmünde ornuny pugtalandyryp, şäherde Türkmenistanyň taryhyny, binagärlik ýadygärliklerini, döwletimiziň alyp barýan syýasatyny öwrenýän hem-de wagyz edýän halkara ylmy-barlag merkezini döretmegi möhüm hasap edýärin» diýip, bellemegi degişli ýolbaşçylaryň öňünde duran wezipeleri aýdyňlaşdyrdy.

**Serdar NAZAROW,**
**TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň Guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

☑ Häzirki döwürde Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýän halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolmak bilen, döwürleriň aýrylmaz baglanyşygyny hem-de nesilleriň dowamatlylygyny, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň gadymdan gelýän demokratik ýörelgelere, saýlap alan döredijilikli ýoluna ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň berk binýadyny esaslandyrmak bilen, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini has-da pugtalandyrdy. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň ösüşiniň has-da ýokarlandyrylmagyna we halk bähbitli işlere uly ähmiýet berýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ösüşiň berk binýady hakynda giňişleýin bellenildi.

Türkmenistan Watanymyz dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşulýar. Eziz Diýarymyzda ýokary depginler bilen durnukly ösýän ykdysadyýet halkymyzyň buýsanjyna öwrülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe adalatly raýat jemgyýeti milli demokratik ýörelgelerimiziň rowaçlanýandygyny alamatlandyrýar.

Halkymyzyň toýlarynyň toýlara ulaşýan günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň üstünlikli geçirilmegi, taryhy wakalara eýe bolmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Munuň özi halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda, milli demokratik ýörelgelerimizi mynasyp dowam etdirmekde berk binýat bolup durýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul edilen çözgütler ähli türkmen halkyny tüýs ýürekden buýsandyrdy, köňüllerde şatlyk döretdi.

Asuda Diýarymyzyň ykbalyna täsir etjek taryhy çözgütleri kabul edýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys.

**Dülşod ORAZBAÝEWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň uly mugallymy.**

☑ Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy 2025-nji ýylda şanly senäniň — Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramynyň halkara derejesinde giňden bellenilip geçiriljekdigini aýtdy.

«Bilşiňiz ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi» diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýäde hyzmatdaşlygy hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrmagy ähli umumy wezipe hasaplanýandygy bellenildi.

«Bitaraplyk biziň parahatçylygy we hyzmatdaşlygy ündeýän, halklary dost-doganlyga hem-de agzybirlige çagyrýan, ynsanperwerligi wagyz edýän işlerimizi dünýä ýaýýan taglymatdyr. Bu taglymat eziz Watanymyzyň beýik geljeginiň şanyna döredýän we gurýan merdana halkymyza täze üstünlikleri gazanmaga güýç-kuwwat berýär» diýip, Türkmen halkynyň Milli Lideri aýratyn ünsi çekdi.

Geçen 33 ýylyň dowamynda Bitarap döwletimiz bu ugurda baý tejribe toplap, ylalaşygyň we dostlugyň merkezine öwrüldi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyz halkara bileleşiginiň jogapkär agzasy hökmünde bitaraplyk hukuk ýagdaýyna daýanyp, «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa esasynda halkara gatnaşyklarynyň geljekde hem ösüşine mynasyp goşant goşar diýip aýtdy.

**Rahym ERGAŞEW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýat Geňeşiniň başlygynyň orunbasary.**

☑ Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ykdysady ösüş her bir ýurduň durnukly öňe gitmeginiň möhüm şertdigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyzyň aýratyn belleýşi ýaly, biziň ykdysady üstünliklerimiz mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirildi.

— Adam başyna düşýän girdejiniň ýokary derejesini, ähli pudaklarda zähmet öndürijiliginiň ýokary bolmagyny, ykdysady özgertmeleriň ýokary depginini, adam maýasynyň hem-de ylmy-tehnologik ösüşleriň ýokary derejesini, dünýä bazarynda bäsleşige ukyply bolmagy ykdysady ösüşleriň hem-de kuwwatly döwletiň esasy aýratynlyklary hasaplaýaryn — diýip, Türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, hemişelik Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny has-da ýokarlandyrmak hemmämiziň esasy wezipämiz bolup durýandygyny belledi.

Gahryman Arkadagymyz zähmet we maliýe bazaryny ösdürmäge hem-de telekeçiligi goldamaga degişli birnäçe resminamalary taýýarlamagy teklip etdi.

**Maýa MERGENOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Agronomçylyk fakultetiniň talyby.**

☑ Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ykdysadyýetimiziň pudaklarynda amala aşyrylýan özgertmeler ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmaga mümkinçilik berýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny» kabul etmegi zerur hasaplaýandygyny we bu konsepsiýa iş üpjünçiligi boýunça halkara guramalary, daşary ýurt döwletleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmekde, hususan-da, »

« Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryna goşulmakda möhüm ädim boljakdygy nygtaldy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy çykyşynda belleýşi ýaly, maliýe bazaryny ösdürmek, telekeçiligiň täze görnüşlerini we usullaryny ornaşdyrmak hem döwrüň talabydyr. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň berk binýady bolan pul-karz, walýuta, maliýe we salgyt-býujet ulgamlary yzygiderli kämilleşdirilýär. Şeýle hem ýokary hilli, bäsleşige ukyply önümleri öndürmekde, azyk howpsuzlygyny berkitmekde, döwrebap senagat kärhanalaryny, şäherdir obalary gurmakda telekeçilerimiz uly işleri alyp barýarlar.

Şoňa görä-de, 2030-njy ýyla çenli maliýe bazaryny ösdürmegiň Strategiýasynyň hem-de kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň Milli Maksatnamasynyň kabul edilmegini, şeýlelikde, ýurdumyzy ýokary depginde ösdürmegiň täze tapgyryna badalga berilmegini möhüm wezipeleriň biri hasap edýärin diýip, Türkmen halkynyň Milli Lideri belläp geçdi.

**Nigara GÜNDOGDYÝEWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýat Geňeşiniň baş buhgalteri.**

☑ Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler giň gerimi hem-de täzeçilligi bilen tapawutlanýandygyny nygtady.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň her bir raýaty ata Watanymyza belent söýgüsi bilen ýaşaýar we yhlasly zähmet çekýär. Abadançylygyň, bagtyýarlygyň, gülläp ösüşiň hatyrasyna döwlet adama, adam bolsa döwlete gulluk edýär. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatymyzyň esasynda alyp barýan işlerimiziň rowaçlanýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň artyp, halkara abraýynyň pugtalanýandygyny, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň barha ýokarlanýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň syýasy, ykdysady, medeni galkynyşlara, şöhratly wakalara baý ýyllaryň biri bolup taryha girjekdigine berk ynam bildirdi.

**Altymyrat TÄJIÝEW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň magistranty.**

# GEŇEŞLI BIÇILEN DON GYSGA BOLMAZ

24-nji sentýabrda paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň baýram edilýän günlerinde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň netijeleri jemlenildi we gazanylan üstünlikler hem-de täze taryhy döwürde öňümizde duran derwaýys meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiziň taryhy çykyşyny aýratyn bellemek gerek. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taryhy çykyşy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň beýik ösüşlerini aýdyň beýan edýär, halk bähbitli işleri üstünlikli durmuşa geçirmegiň aýdyň ýoly kesgitlenýär.

Häzirki ajaýyp döwrümizde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda taryhy ähmiýetli işler durmuşa geçirilýär. Şeýle beýik işleriň netijesinde ýurdumyz ösüşiň täze belentliklerine eýe bolup, ynamly öňe barýar. Belent ösüşler bilen öňe barýan ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk toýy uludan bellenildi. Şanly toýuň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň ähmiýeti hakynda aýratyn bellemek gerek, çünki munuň özi ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan özgertmeleri ilerletmekde, jemgyýetiň agzybirligini, jebisligini pugtalandyrmakda aýratyn orun eýeläR.

Türkmen halkyny bagtyýar geljege alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli tutumlary hemişe uly üstünliklere beslensin!

**Ejeş KAKAGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**





# MUKADDES BAÝRAM

☑ Müň dokuz ýüz togsan biriň güýzi türkmen halky üçin ýatdan çykmajak sene bolup, kalplara möhürlendi. Edil şonuň ýaly, Garaşsyzlygymyzyň ýzysüre ýazylan birnäçe şygyrlar hem setirler uly-kiçileriň aňynda ýaşaýar. Munuň sebäbi şygryň ilkinjiliginden öňürti kalplaryň birliginden gözbaş alýar. Sebäbi şol senede şahyr bilen bir hatarda tutuş türkmen halky begendi, buýsandy.

Müň dokuz ýüz togsan biriň güýzi. Bu sene ýeňişli menzilleriň gözbaş alan güni. Sebäbi Garaşsyzlygymyz biziň ähli ösüşlerimize badalga beren, erkinligimize, abadanlygymyza ganat gerýän beýik güýç. Şonuň üçinem Garaşsyzlyk baýramyny ýeňiş güni diýsegem kemter aýtdygymyz bolmaz. Çünki ata-babalarymyzyň gany siňen bu topragyň erkinligi, Garaşsyzlygy merdana pederlerimiziň bize galdyran beýik Ýeňşi hem mirasydyr.

Garaşsyzlyk baýramy — mukaddes baýram. Ata-babalarymyzyň geçmişde berkarar döwleti arzuwlap, erkinligiň zaryny çekendigini biz taryhdan bilýäris. Magtymguly atamyzyň öz şygyrlarynda: «Türkmen ilim, eý, adamzat, Azat il, güzer islärin» diýip arzuwlamagy sözümiziň aýdyň mysalydyr. Bu setirleri ruhuň bilen duýup, süňňüň bilen syzyp okasaň, Garaşsyzlygymyzyň bize eçilen bagtyna has doly göz ýetirýärsiň.

Ellerimizi gursagymyza goýup, döwlet Senamyzy ýerine ýetirenimizde hem biz: «Janym gurban saňa, erkana ýurdum, Mert pederleň ruhy bardyr köňülde» diýýäris. Kalbymyza üýtgeşik tolgunma eçilýän bu sözleriň özi biz ýaş nesilleriň wepalylyk kasamymyzdyr. Garaşsyzlygyň düýp manysyna çuň düşünmek we eziz Watanymyzyň berkararlygyny goraglap, ösüşlerine goşant goşmak her birimiziň perzentlik borjumyzdyr.

Garaşsyzlygyň bize beren bagtyny duýup ýaşamaga, okamaga, döretmäge uly şertleri açyp beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Aýbibi AÝMAKOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň talyby.**

# DABARASY DAG AŞAN

## TOÝ TOÝLADY DIÝARYM

☑ Beýik Garaşsyzlygymyz türkmen döwletiniň berkararlygynyň, halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň, asudalygynyň berk binýadydyr. Ata Watanymyzyň iň täze taryhy, gazanylýan üstünliklerimiz hem-de ösüşlerimiz, halkymyzyň ýeňişli ak ýoly beýik Garaşsyzlygymyzdan gözbaş alýar. Hut şonuň üçin hem bu mukaddes güni ajaýyp döwrümiziň döredijilikli ruhuny beýan edýän hem-de belent maksatlara galkyndyrýan milli baýram hökmünde halkymyz çuňňur buýsanç bilen belledi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz häzirki döwürde gülleýşiň, abadançylygyň, bagtyýarlygyň mekanyna öwrülýär. Döwletli Diýarymyzyň dürli künjeklerinde iri möçberli gurluşyklar alnyp barylýar, täze medeni-durmuş maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary, senagat we önümçilik toplumlary yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär.

Garaşsyz döwletimiz dünýäniň döwletleri we halklary bilen dost-doganlyga, hoşniýetli goňşuçylyga ýugrulan gatnaşyklary alyp barýar. Bu ýörelgeler halkymyzyň milli bähbitlerine, berkarar döwletimiziň daşary we içeri syýasatynyň ösüş ugurlaryna doly laýyk gelýär. Munuň özi dünýä ýurtlary bilen özara düşünişmäge hem-de ynanyşmaga, deň hukuklylyga, dost-doganlyga esaslanýan gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge badalga berýär.

Halk hojalyk toplumynyň innowasiýa ösüşi, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatynyň artdyrylmagy, halkymyzyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy ählumumy ykdysady giňişlikde ýurdumyzyň ornunyň barha berkidilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolmagynda galýar. Häzirki wagtda Türkmenistan ykdysady we medeni-durmuş ulgamlarynda uly üstünlikleri gazanyp, sazlaşykly ösýän ýurtlaryň hatarynda öňdäki orunlary eýeleýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ähli ulgamlarynyň, döwrebap innowasiýalara daýanyp, sazlaşykly ösmegine, özgerişlere beslenip, ýokary netijeleri gazanmagyna gönükdirilen döwletli tutumlary her bir türkmenistanlyny gujur-gaýratly, ak ýürekli zähmet çekmäge ruhlandyrýar. Ajaýyp zamanamyzda gözel Diýarymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagy, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da ýokarlanmagy, halkymyzyň asuda, çekýän zähmetiniň hözirini görüp, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amala aşyrýan işleri göwünlere ganat berýär.

**Gülnar ÇARYÝEWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň uly mugallymy.**



# DÖWLET SYLAGLARY GOWŞURYLDY

☑ Paýtagtymyzda Garaşsyz Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge, ýurdumyzyň halkara abraýyny belende götermäge uly şahsy goşant goşan halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň iň gowy işgärlerine, zähmet weteranlaryna, önümçiligiň öňdebaryjylaryna, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekillerine, döredijilik işgärlerine, şol sanda sport ulgamynyň işgärlerine ýokary döwlet sylaglaryny we hormatly atlaryň dakylandygy baradaky nyşanlary gowşurmak dabarasy geçirildi.

Hormatly Prezidentimiziň Permanlaryna laýyklykda, ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli, döwletimiziň we halkymyzyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary, milli däp-dessurlarymyzy aýawly saklamakda hem-de baýlaşdyrmakda köpýyllyk halal zähmeti, ýokary hünär ussatlygy üçin ýurdumyzyň raýatlarynyň bir topary Türkmenistanyň «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni, «Gaýrat», «Watana bolan söýgüsi üçin» medallary bilen sylaglanyldy, şeýle hem ildeşlerimiziň birnäçesi «Türkmenistanyň halk artisti», «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri», «Türkmenistanyň at gazanan gurluşykçysy», «Türkmenistanyň at gazanan ulag işgäri», «Türkmenistanyň ylymda we tehnikada at gazanan işgäri», «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri», «Türkmenistanyň at gazanan artisti», «Türkmenistanyň halk bagşysy», «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri», «Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti», «Türkmenistanyň durmuş hyzmaty çygrynyň at gazanan işgäri» diýen hormatly atlara mynasyp boldular.

**«7/24.tm»**

---

☑ Paýtagtymyzda hormatly atlara mynasyp bolan döredijilik işgärlerini hem-de edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň, ýaş aýdymçylaryň we zehinli çagalaryň arasynda yglan edilen Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Her ýyl ýurdumyzyň baş baýramynyň öňüsyrasynda medeniýet işgärlerini döwlet derejesinde sylaglamak dabarasynyň geçirilmegi Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň yzygiderli ösüşine döredijilik işgärleriniň goşýan goşandynyň ähmiýetini aýdyň şöhlelendirmek bilen, baýramçylyga aýratyn öwüşgin çaýýar. Munuň özi halkymyzyň tükeniksiz ruhy baýlygynyň goralýandygynyň, döredijilik işgärleriniň goldanylýandygynyň hem-de höweslendirilýändigini anyk güwäsidir.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiziň döwlet sylaglaryna mynasyp bolan döredijilik işgärlerine hem-de «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijilerine iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler.

Soňra Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda Permany hem-de «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak hakynda Karary okalýar.

Döredijilik toparlarynyň ýolbaşçylary, ýazyjy-şahyrlar, aýdymçylar, sazandalar, şekillendiriş sungatynyň ussatlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri we beýlekiler döredijilikli zähmet çekmäge, hünär derejesini ýokarlandyrmaga döredilen ähli şertler üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler. Bäsleşigiň ýeňijileri bu sylagy diňe bir ýokary hormat hökmünde däl, eýsem, sungatyň döredijiwe jebisleşdiriji wezipesiniň nyşany hökmünde kabul edýändiklerini belledirler.

Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul edip, öz zähmetine berlen ýokary baha we halkymyzyň ruhy mirasyny ösdürmäge, döredijilikli işlemekleri babatda zerur şertleri döretmäge berýän ünsi üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler hem-de eziz Watanymyzyň bähbidine mundan beýläk-de ähli güýç-gaýratyny, bilimlerini, tejribelerini gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Meşhur aýdymçylaryň, ýaş ýerine ýetirijileriň baýramçylyk çykyşlary hormatly Prezidentimiziň halkara hyzmatdaşlygy, şol sanda medeni gatnaşyklary ösdürmäge täze gözýetimleri açan parahatçylyk döredijilikli syýasatynyň, döwrümiziň özboluşly senasyna öwrüldi.

**«7/24.tm»**




# SPORT ULGAMY DURNUKLY ÖSÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ähli pudaklar bilen bir hatarda sport ulgamyny ösdürmäge, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da berkitmäge uly üns berilýär. Eziz Diýarymyzda döwrebap sport mekdepleri, stadionlar, sport merkezleri yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Iri halkara ýaryşlarda gazanylan üstünlikler türkmen sportunyň ýeten belent derejesinden habar berýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda gözel paýtagtymyzda geçirilen hokkeý boýunça halkara ýaryşy halklaryň arasynda dost-doganlygy, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, türkmen türgenleriniň ussatlygyny we tejribesini has-da artdyrmaga uly goşant boldy. Türkmenistanyň sport ýurdudygyny dabaralandyrýan şanly wakalaryň, sport çäreleriniň dowamat-dowam bolup gelmegi halkymyzy buýsandyrýar. Paýtagtymyzyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip ykrar edilmegi, Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň sportda belent derejelere çykýandygyny nobatdaky gezek dünýä jar etdi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasatyny dünýäde dabaralandyrmakda, sport diplomatiýasynyň ornuny berkitmekde Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmeginiň taryhy ähmiýeti bardyr. Bu Kararnama ýurdumyzda sporty we bedenterbiýe-sagaldyş hereketini ösdürmekde, dünýä döwletleri bilen dost-doganlygy pugtalandyrmakda alnyp barylýan ägirt uly işleriň dünýä ýüzünde giň goldawa eýedigini görkezýär.

Şu günki döwürde ýurdumyzyň sport ugrundan ýeke-täk ýokary okuw mekdebi bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda talyp türgenleriň ýokary derejede türgenleşip, halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş etmegi üçin ähli döwrebap şertler, mümkinçilikler döredilendir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi taryhy wakalara baý boldy. Şol taryhy mejlisiň dowamynda hormatly Prezidentimiziň çykyş edip, ýurdumyzyň ösüşine degişli gymmatly maglumatlary halkymyz bilen paýlaşmagy, birnäçe möhüm teklipleri öňe sürmegi başymyzy göge ýetirdi. Çykyşynyň dowamynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, raýatlarymyzyň saglygyny berkitmek, sagdyn bedenli nesilleri ýetişdirmek döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir» diýip belledi. Bu manyly çykyşyň dowamynda sport ulgamynda ýetilen belent sepgitleriň ýatlanylmagy ählimiziň buýsanjymyzy artdyrdy.

Ýurdumyzy ösüşler ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

**Kakageldi GAJYÝEW,**
**TDBSI-niň Bedenterbiýe fakultetiniň dekanynyň okuw işleri boýunça orunbasary.**

# ARZUWLARYŇ HASYL BOLÝAN ÝURDY

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gülläp ösýän Diýarymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy mynasybetli dabaralara beslendi. Garaşsyzlygymyzyň gazanylmagy bilen ýurdumyz demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiligine goşulmak bilen özüniň mynasyp ornuny tapdy. Häzirki döwürde bolsa Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ösüşlere tarap öňe barýan Diýarymyzyň her bir güni şatlykly we buýsançly dabaralara, şanly wakalara beslenip, Türkmenistan arzuwlaryň hasyl bolýan ýurduna öwrüldi. Garaşsyzlyk halkymyzy bir suprada jemlemek bilen, ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine eýerip, türkmen döwletliligini berkarar etmäge, döretmäge, ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny özleşdirmäge, durnukly ösüşi üpjün etmäge giň ýol açdy.

Garaşsyzlyk — halkyň çüwen bagty, galkynan ykbaly. Erkinligi jandan eziz görüp, aryny-namysyny, lebzini-ygraryny, mertebesini baýdak edinip, nijeme asyrlaryň külpetli menzillerini külterlap gelen türkmen halky üçin Garaşsyzlyk diýen düşünjäniň neneňsi derejede arzylydygyna, mukaddesdigine göz ýetirmek kyn däl. Ýurdumyzda alnyp barylýan ajaýyp işler gözel Diýarymyzyň gülläp ösmeginiň, mähriban halkymyzyň abadan ýaşaýşynyň belent binýadydyr. Türkmen halkynyň abadan, bagtyýar durmuşda erkana ýaşamagy ugrunda bimöçber işleri alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Röwşen HOJAGELDIÝEW,**
**TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

# GARAŞSYZLYK — HALKYMYZYŇ ARŞA GALAN YKBALY

☑ Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, şöhratly taryhymyzy, milli medeni mirasymyzy, edebiýatymyzy, halk döredijiligimizi öwrenmek, ösüp gelýän ýaş nesilleri watansöýüjilik, adamkärçilik, ilgünüňe söýgi ruhunda terbiýelemek babatda buýsandyryjy işler durmuşa geçirilýär.

XVIII asyr türkmen nusgawy edebiýatynyň ägirtleri bolan Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň döredijiliklerinde öz ýaşan zamanalarynyň orta çykarýan jemgyýetçilik-durmuşy meselelerini has çuňňur we köptaraply düşündirmek, geljekki türkmen döwletiniň, türkmen döwletliliginiň ruhy esaslaryny goýmak başlangyçlary has aýdyň duýulýar. Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde bir bitewi döwletiň döredilmegi, patyşalaryň adyl bolup, alymlara maslahat salyp, bu döwleti dolandyrmaklary barada takyk mysallar, rowaýatlar esasynda gürrüň edilýär. Bu babatda «Baş bolmasa, göwre läş» diýen halk pähiminden ugur alan akyldar:

**Häkim olanlar jahanda adl ola,**
**Bezegeý ýer ýüzüni adly bile,**

şeýle hem:

**Göwre läş bolgaý, eger baş bolmasa,**
**Bitmez iş, hak lutfy ýoldaş bolmasa**

— diýip belleýär. Döwletmämmet Azady halkyň agzybirligini gazanmaga, içki düzgün-tertibi berkitmäge, jemgyýetiň ähli agzalarynyň öz päk zähmeti bilen jemgyýete peýda getirip bilmegini gazanmaga, ykdysadyýeti, söwdany ösdürmegiň hasabyna halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga we ýurduň goranyş ukybyny artdyrmaga türkmen jemgyýetini dikeltmegiň ilkinji wezipeleri diýip düşünipdir.

Azadynyň öwüt-ündewlerine görä, kim sahy, hoşniýetli bolsa, ýagşylyk, mähribanlyk etse, ol köp sogap gazanýar:

**Kim sahylyk ilgeri, eý, gany!**
**Dünýede ýokdur sogap bilgil muny...**

Döwletmämmet Azadynyň türkmen döwletliligini berkarar etmek bilen bagly taglymatlary ogly Magtymguly Pyragy tarapyndan has-da ösdürilip, il-ýurt agzybirligi, tire-taýpalaryň özara jebisligi ýaly taglymatlar bilen baglaşdyrylypdyr:

**Türkmenler baglasa bir ýere bili,**
**Gurudar Gulzumy, derýaýy-Nili,**
**Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili,**
**Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz.**

Gahryman Arkadagymyz: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna beslän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» diýip belläp geçýär. Magtymguly Pyragynyň täze zamanada gaýtadan belende göterilýändiginiň özen-örki akyldaryň nusgawy eserleridir. Olaryň süňňüni düzýän goýazy pikirler, parasatlar, paýhaslar, edep-ekram ýörelgeleri döwrüň ruhuna laýyk gelýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri halkymyz üçin parahatçylykly, abadan ýaşaýşyň, zähmetsöýerligiň, döredijilikli, netijeli zähmetiň zamanasydyr. Ynsanperwerligi tug edinen döwletimiz şu beýik ýörelgeleri bilen bu gün tutuş sebitiň, bütin dünýäniň syýasatyna, onuň ösüşine täsir edýär. Türkmenistan dünýäniň ähli döwletleri bilen hoşniýetli gatnaşyklara, birek-birege hormat goýmaga we deňhukukly hyzmatdaşlyga daýanýan parahatçylyksöýüjilik, ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgelerne esaslanýan daşary syýasaty ýöredýär.

**Ogulnäzik ISENOWA,**
**TDBSI-niň Diller kafedrasynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji.**

# GARAŞSYZLYK ŞANYMYZ!

☑ 1991-nji ýylyň altyn güýzi aýratyn, ykbal çözüji sene hasaplanylýar. Çünki bu sene bilen türkmen döwletiniň garaşsyz taryhy başlanýar. Beýik Garaşsyzlygymyz Türkmenistan döwletimiziň berkararlygynyň, halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň sarsmaz binýadydyr. Ata Watanymyzyň täze taryhy, halkymyzyň ösüşli ak ýollary mukaddes Garaşsyzlygymyzdan gözbaş alýar.

Dünýäde dostana halk hökmünde tanalýan türkmen halkynyň saýlap alan ýoly gurmagyň we döretmegiň ýoludyr. Bu ýol bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz belent maksatlara tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Gözel Diýarymyzyň ähli künjeklerinde senagat-önümçilik kärhanalary, medeni-durmuş maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary gurulýar, täze obalar, şäherçeler döredilýär. Bu amala aşyrylýan düýpli özgertmeler berkarar döwletimiziň Garaşsyzlygynyň esaslaryny berkidýär.

Türkmen halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň her bir gününde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şöhratly 33 ýyllyk baýramyny mynasyp garşylamak üçin tutanýerli zähmet çekdi. Türkmenistan Watanymyz bu mukaddes baýramyny ykdysady we ynsanperwer ölçeglerde uly ösüş mümkinçilikleri bolan, sebit hem dünýä ähmiýetli işlere işjeň gatnaşýan durnukly ösýän döwlet hökmünde garşylady. Çünki Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen taýsyz taglymatyndan gelip çykýan esasy ýörelge Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň okgunly ösüşiniň, saýlap alan ýoly bilen ynamly öňe ilerlemeginiň ygtybarly binýadyny emele getirýär.

**Ogulbahar YBRAÝYMOWA,**
**Bäherden etrabyndaky 20-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

# INTERNATIONAL DAY OF UNIVERSITY SPORT

☑ On September 20, the International Day of University Sports: Sports Diplomacy – Dialogue of Peace science and practical conference took place in the conference hall of Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports of Turkmenistan. Rector of Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports, Candidate of Pedagogical Sciences Khydyr Nunnayev opened the conference and held an online meeting with Chief of the UNESCO Sport Section Mr. Philipp Muller-Wirth.

The professors and lectures of the Institute addressed the participants and made presentations on the large-scale events in the state sports policy, including student sports. Then the conference continued its work in sections.




**Amangozel AMANOVA,**
**A lecturer, Turkmen State nstitute of Physical Culture and Sports**

# ЦЕРЕМОНИЯ ВОЗЛОЖЕНИЯ ЦВЕТОВ К МОНУМЕНТУ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

☑ 23 сентября 2024 года ранним утром представители, которые приняли участие в заседании Халк Маслахаты Туркменистана, возложили цветы к монументу Махтумкули Фраги в культурно-парковом комплексе «Magtymguly Pyragy» по случаю 33-й годовщины независимости Отчизны.

Жизнь в суверенном государстве придаёт нашим соотечественникам энергию для творчества, силу для созидания и неиссякаемое воодушевление для укрепления мирного и дружественного диалога со всеми странами и народами. Туркменистанцы с особым почитанием относятся к великому празднику независимости, олицетворяющему свободную и счастливую жизнь.

Высоко в небо устремлён сияющий в лучах утреннего солнца величественный монумент Махтумкули Фраги, у которого сегодня собрались участники мероприятия, чтобы почтить память величайшей исторической личности.

Великий туркменский классик Фраги оставил прекрасное творческое наследие, наполненное мудростью и самыми тёплыми чувствами.

В настоящее время благодаря усилиям главы государства и Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага, произведения выдающегося поэта и мыслителя Востока, внёсшего неоценимый вклад в совершенствование современного туркменского языка, переведены на десятки языков, став достоянием международного литературного и научного сообщества.

По всей стране и за рубежом в нынешнем году, девиз которого «Кладезь разума Махтумкули Фраги», проходят праздничные торжества и мероприятия во славу великого сына туркменского народа. На проведённом на минувшей неделе расширенном заседании Кабинета Министров глава государства отметил, что в октябре в Ашхабаде состоится Международный форум по случаю 300-летия со дня рождения Махтумкули Фраги -«Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития».

Площадь перед монументом Махтумкули Фраги покрывается благоухающим ковром из ярких цветов, отражающих искренние чувства почитания и любви к великому поэту-классику, стране, а также гордости за новый день независимой Родины.

**www.turkmenistan.gov.tm**

# OLEG KONONENKO

## BIR UÇUŞYŇ DOWAMYNDA KOSMOS STANSIÝASYNDA BOLMAGYŇ DOWAMLYLYGYNYŇ REKORDYNY TÄZELEDI

☑ Türkmenistanyň hem Russiýanyň Gahrymany, Kosmos işi boýunça «Roskosmos» döwlet korporasiýasynyň tälimçi-kosmonawt-synagçysy, kosmonawtlar toparynyň serkerdesi Oleg Dmitriýewiç Kononenko we onuň kärdeşi Nikolaý Çub bir uçuşyň dowamynda Halkara kosmos stansiýasynda (HKS) bolmagyň dowamlylygy boýunça täze rekord goýdular. Bu barada «Roskosmos» döwlet korporasiýasy habar berýär.

Kononenko we Çub 2023-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda «Soýuz MS-24» gämisinde HKS-e bardylar. Kosmonawtlar Sergeý Prokopýewiň, Dmitriý Peteliniň we Fransisko Rubionyň dowamlylygy 370 gün 21 sagat 22 minut we 16 sekunt bolan rekordyny täzelediler.

Täze rekord eýeleri 20-nji sentýabrda 18:06:51-de (Aşgabat wagty bilen) bu wagty geçdiler. Olar 23-nji sentýabrda «Soýuz MS-25» gämisinde Ýere dolandylar. Bu wagta çenli olaryň rekordy 374 güne deň boldy. Bu rekorddan başga-da, Oleg Kononenko eýýäm kosmos uçuşlarynyň jemi dowamlylygy boýunça 1000 güne ýeten taryhda ilkinji kosmonawt boldy.

Şol bir wagtda iň dowamly kosmos uçuşyny russiýaly Waleriý Polýakow ýerine ýetirdi. Ol «Mir» orbita toplumynda 1994-nji ýylyň ýanwaryndan 1995-nji ýylyň martyna çenli jemi 437 gün 17 sagat 58 minut 17 sekunt geçirdi.

**Altyn DURDYÝEWA,**
**TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň Guramaçylyk bölüniniň esasy hünarmeni.**

# TURKMENISTAN'S HERO SETS A UNIQUE WORLD RECORD



☑ Cosmonaut Oleg Kononenko, who returned from the International Space Station (ISS) on September 23, has spent a total of 1,111 days in space, setting an absolute world record. During this unique flight, which was his fifth space journey, he celebrated his 60th birthday in orbit.

The descent vehicle of the Soyuz MS-25 spacecraft, carrying Russian cosmonauts Oleg Kononenko and Nikolai Chub, who spent a year on the ISS, as well as American astronaut Tracy Dyson, landed in Kazakhstan. Earlier, on July 5, it was reported that Oleg Kononenko had become the first person in history to spend a thousand days in space cumulatively. Before that, on February 4, the Russian cosmonaut surpassed the world record of his compatriot Gennady Padalka, who, during his five space flights, had accumulated a total of 878 days, 11 hours, 29 minutes, and 48 seconds.

Another unique achievement of Oleg Kononenko, a native of the Turkmen city of Charjou (now Turkmenabat), is the fact that he holds the highest government awards and titles of a national hero in two countries - Russia and Turkmenistan.

**Trasnlated by Sapar AGAEV,**
**a student, S.A. Niyazov Turkmen Agricultural University**

# EKOLOGIÝA MEDENIÝETINI KEMALA GETIRMEK

☑ Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurduň ekologiýa syýasatyny ösdürmek, daşky gurşawy aýawly gorap saklamak boýunça birnäçe özgertmeler durmuşa geçirilýär. Ekologik tebigy şertleriň gowulanmagy netijesinde ynsan saglygynyň has-da berkemegine özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň bu babatda edýän her bir teklipleri, öňe sürýän başlangyçlary diňe bir sebitiň däl, eýsem dünýä ýurtlary üçin hem uly ähmiýetlidir. Ekologik ýagdaýy has-da gowulandyrmagyň baş şertleriniň biri-de ýaş nesillerde ekologiýa medeniýetini kemala getirmekden ybaratdyr. Gahryman Arkadagymyz: «Esasy wezipeleriň biri hem ilatyň ekologik medeniýetliligini ýokary götermek, ýaş nesliň aňynda daşky gurşawy gorap saklamak düşünjesini terbiýelemek bolup durýar» diýip, aýratyn nygtap geçýär. Gözel tebigatymyzyň ösümlik hem haýwanat dünýäsini aýawly gorap saklamak endiklerini ýaş nesilleriň aňynda ösdürmek, olara miras goýmak üçin biziň ata-babalarymyz uly alada edipdirler. Ýaş nesillerde gözel tebigatyň ähli eçilen baýlyklaryna aýawly seredip, olardan ýerlikli we akylly-başly peýdalanmak başarnyklaryny ösdürmek baş wezipedir. Tebigatyň adamzada eçilen baýlyklary bolan suwy, howany, çig maly ýaly gymmatlyklardan ýerlikli peýdalanmak, olaryň ähmiýeti dogrusynda ýaş nesle düşündirmek örän wajyp hem zerur meseleleriň biridir.

Tebigat — bu biziň öýümizdir. Tebigat daş-töweregimizi gurşap alan bir bitewülikdir. Ol berk baglanyşykda bolan hiç wagt bir-birinden aýrylmajak jandarlaryň, hadysalaryň toplumydyr. Ynsanyýet hem şol tebigatyň bir bölegidir. Her bir ynsanyň çagasy tebigat bilen ylalaşykly, sazlaşykly ýaşamagy öwrenmek örän wajypdyr. Sebäbi biz tebigatyň bize eçilýän baýlyklary esasynda ýaşaýarys. Onuň owadanlygyny, tämizligini, täsinligini mundan beýläk-de has-da artdyrmak biziň her birimiziň baş maksadymyz bolmalydyr. Hormatly Prezidentimiziň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde amala aşyrýan her bir özgertmeleri biziň durmuşymyzy ýagtyldýan rowaçly işlerdir.

**Baýrammyrat IŞANGULYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat şäher gümrükhanasynyň harby gullukçysy, podpolkownik.**



# PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TEBIGATYŇ WASPY

☑ Halkymyzyň ýürek sesini bütin dünýäde ýaňlandyran ähli döwürleriň şahyry Magtymguly Pyragy adamzady gurşap alýan daşky gurşawyň, tebigy hadysalaryň kanunalaýyklygyny öz şygyrlarynda gysgadan täsirli beýan edýär. Onuň döredijiliginde ata Watany söýmek, däp-dessurlara we ynsana uly hormat goýmak, tebigat gözelliklerine aýawly çemeleşmek ýaly ynsanperwer pikirlerdir öwüt-ündewler uly orun eýeleýär.

Akyldar şahyryň şygyrlarynyň birnäçesi gözel tebigatyň belent waspydyr. Ata Watana, ene topraga, dogduk Diýaryň baglaryna, daglaryna, tereň derýalaryna, ümmülmez çöllerine, ýaşyl ýaýlalaryna bolan belent hem-de gyzgyn söýgüsi onuň durmuşyň ähli ugurlary bilen baglanyşykly ýazan goşgularyna siňipdir. Nusgawy şahyrymyz «Soňudagy» goşgusynda:

**Kesgin-kesgin ýoluň geçer,**
**Gyzyl baýyr göwün açar,**
**Sowuk çeşme suwuň içer,**
**Süri-süri malyň seniň**

— diýip, akyldar boýdan-başa gözel ýurdumyzyň tebigatynyň gözelligini görkezýär.

Ussat şahyr «Türkmeniň» atly goşgusynda güneşli ýurdumyzyň tebigy aýratynlyklaryny hem-de baýlyklaryny, türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini beýan edipdir. Goşguda «Gara dagdan iner sili türkmeniň» diýlip, suwlaryň, silleriň öz gözbaşyny daglardan alyp gaýdýandygy çeper suratlandyrylýar. «Çyrpynşar çölünde neri, maýasy» diýlen setirde türkmen sährasynyň maldarçylygy, düýedarçylygy ösdürmek üçin örän ähmiýetlidigi beýan edilýär.

Şahyr tebigatyň haýsy bir ugruna ýüzlense hem ony gönüden-göni türkmen durmuşy bilen baglaýar. Şeýle häsiýetli goşgularda halkyň ýaşaýyş-durmuşy, ekerançylyk medeniýeti, tebigata bolan garaýyşy şöhlelenýär. Munuň şeýledigini Magtymguly Pyragy bilen Durdy şahyryň «Habar ber — şeýledir!» diýen aýdyşygynda hem görmek bolýar. Magtymguly:

**O nämedir, ýaşyl-gyzyl öwüsýän?**
**O nämedir, aýagy ýok towusýan?**
**O nämedir, ýedi derýa böwüsýän?**
**Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!**

Durdy şahyr:

**Ol ekindir, ýaşyl-gyzyl öwüsýän,**
**O ýylandyr, aýagy ýok towusýan,**
**O balykdyr, ýedi derýa böwüsýän,**
**Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.**

Ussat Pyragynyň eserlerinde biz janly tebigatyň hakyky gözelligini görýäris. Çünki türkmen tebigatynyň keşbi şahyryň eserleriniň agramly bölegini tutýar. Gözel tebigatymyzyň gymmatlyklaryny giňişleýin öwrenmekde, ýaş nesillerde watançylygy, ynsanperwerligi, tebigata bolan söýgini oýarmakda şahyryň döredijiligi aýratyn ähmiýete eýedir.

**Nurjemal SAPAROWA,**
**TMÝG-niň Boldumsaz etrap Geňeşiniň uly buhgalteri.**

# ... SÖZ IÇINDE GELIN-GYZ HEM BOLMASA

☑ Magtymguly Pyragynyň ynsanyň ýaraşykly gylyk-häsiýetlerini öwmek bilen bir wagtda, ynsanlara ýaraşyksyz we zyýan ýetiriji edim-gylymlary yzygiderli ýazgarmak arkaly, il-güni terbiýelemekde, olary ruhy taýdan kämilleşdirmekde alyp baran işi has-da ähmiýetli hem deňi-taýy bolmadyk derejede uludyr.

Beýik akyldaryň döredijiliginde durmuşy goşgular esasy orunlaryň birini eýeleýär. Magtymguly ýaman häsiýetleri ýazgarmak bilen, erbetlikleri paş edýär. Şahyr gelin-gyzlaryň edepli, päkize, mylaýym bolmagyny isläpdir.

Magtymguly «Janyna degmez», «Durasyň geler», «Ýör biläni», «Il ýagşy», «Zor bolar», «Bolar sen», «Aýrylma» ýaly goşgularynda döwürdeşlerinde asylly terbiýe bermek, olaryň mert, ar-namysly bolmaklaryny nesihat edip, namartlary ýaňsa alypdyr. Akyldar şahyr Magtymguly gelin-gyzlaryň akylly, pähimli, edepli bolmaklaryny isläpdir, olaryň mertebesini ýokary tutupdyr. Bu barada «Durasyň geler» diýen goşgusynda çeper beýan edilýär.

Magtymguly atamyz dostluk, söýgi temasyndan hem birnäçe goşgulary ýazypdyr. Bu temadan onuň «Gözel sen», «Gülzardan aýryldym», «Uýat eýleýir», «Bu derdi», «Boýlaryňa» ýaly ençeme goşgulary bar. Ol gelin-gyzlaryň durmuşda uly hormata, söýgä mynasyp bolmaklaryny nygtamak bilen, olaryň owadanlyklaryny «Gözel sen» şygrynda taryplap geçipdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýik akyldaryň merdana ömri ýaş nesli watançylyk, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde nusgalyk mekdepdir. Ata Watanymyzda gazanylýan şanly ösüşler, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işler bolsa biziň esasy ruhy gönezligimiz we ylham çeşmämizdir.

**Ogulmaral GYLYJOWA,**
**TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

# SÖZ ÄLEMINIŇ ZERGÄRI

☑ Magtymguly Pyragy — beýik söz ussady, Gündogaryň şam-çyragydyr. Onuň eserleriniň many-mazmunynyň kämilligi okyjylar tarapyndan söýlüp okalmagyna sebäp bolýar. Ol durmuşy temalaryň ählisine ýüzlenip, ynsan kalbynyň taryny kakyp, ýürekden çykýan setirleri bilen halk köpçüliginiň söýgüsine mynasyp bolan beýik şahyrdyr. Dana Pyragynyň ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, ynsanperwerlik, watansöýüjilik, halallyk, mertlik, zähmetsöýerlik ýaly temalara ýüzlenip ýazan goşgulary ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemek üçin gymmatly gollanmadyr. Şahyryň şygyrlarynda bilim almak, halallyk ýörelgeleri wagyz edilýär. Magtymguly atamyzyň döredijiliginde adamyň edep-terbiýesine, gylyk-häsiýetlerine täsir edýän, ene-atany sarpalamak, birek-birege ýardam bermek, edeplilik, sylag-hormat, nesil terbiýesi, ylym-bilim meseleleri eriş-argaç bolup geçýär.

Magtymguly Pyragynyň halk diliniň baýlygyny ussatlarça ulanmagy, halka düşnükli dilde ýazmagy, ýürekden çykyp ýürege barýan eserleri döretmegi şahyryň diňe bir öz döwründe däl, eýsem nesilden-nesile geçip, biziň ýurdumyzda hem-de dünýä halklarynyň arasynda uly meşhurlyga eýe boldy. Onuň kämil eserleri dünýäniň ençeme dillerine terjime edilip, dünýä okyjylary tarapyndan söýlüp okalýar.

Bu günki gün Magtymguly Pyragynyň sarpasy belentden tutulýar. Muňa ýylymyzyň şygary «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylmagy, Magtymguly atamyzyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýunyň uly dabara bilen bellenilip geçilmegi, gözel şäherimiz Aşgabat şäherinde «Magtymguly» seýilgähiniň gurlup ulanmaga berilmegi, Pyragynyň saýlanan eserleri jemlenen «Magtymguly» atly täze eseriniň çapdan çykmagy Pyragynyň arzuwlan zamanasynda sarpasynyň belentden tutulýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle ajaýyp zamanada Pyragynyň eserlerini öwrenmäge, ony gaýtadan dikeltmäge, nesil terbiýesinde giňden ulanmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Gülnahal DÄDEBAÝEWA,**
**TMÝG-niň Köneürgenç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

# ASUDA ILLERIŇ ABADAN ÝOLLARY

☑ TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň, etrabyň jemgyýetçilik guramalarynyň hem-de hukuk goraýjy edaralarynyň bilelikde guramagynda etrabyň 8-nji orta mekdebinde, şol mekdepde bilim alýan okuwçylaryň gatnaşmagynda ýaşlaryň ýol hereketiniň howpsuzlygy baradaky bilimlerini kämilleşdirmek, ýol hereketiniň kadalaryny, pyýadalaryň we ýolagçylaryň borçlaryny öwretmek, olaryň ýol hereketiniň howpsuzlygyna has-da jogapkärli garamaklaryny gazanmak maksady bilen, «Ýol hereketiniň kadalaryny berk berjaý edeliň!» atly şygar bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda çykyş edenler «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly bäsleşigiň çäklerinde geçirilen duşuşyklar we alnyp barlan işler barada giňişleýin belläp geçdiler.

**Aýgül GUTDANOWA,**
**TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň uly buhgalteri.**

☑ «Türkmenistan» Ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň etrap bölümi, etrabyň bedenterbiýe we sport bölümi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşi, etrabyň polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçiligi bölümçesi bilen bilelikde «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly bäsleşigiň çäklerinde etrapdaky 1-nji sport mekdebinde «Ýol hereketiniň howpsuzlygyny berjaý edeliň!» atly şygar bilen wagyz-nesihat duşuşygyny geçirdi.

Duşuşykda çykyş edenler ynsan ömrüne we saglygyna howp salyp biljek ýol-ulag hadysalarynyň döremezligi, ýol-ulag hadysalarynda bolýan heläkçilikleriň öňüni almak, ýolda ýöräniňde seresap bolmak barada giňişleýin gürrüň edildi. Şeýle hem,



ýaşlara ýol hereketiniň düzgün-kadalaryna eýermek boýunça gymmatly maslahatlar berildi. Duşuşyga gatnaşanlar Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň döwletli tutumlaryna rowaçlyklary arzuw etdiler.

**Altyn ATAKOWA,**
**TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

☑ Gyzylarbat etrabynyň şäher medeniýet öýünde Türkmenistanyň TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşi we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň, Gyzylarbat etrabynyň PÝGB-niň, Gyzylarbat etrap bilim bölüminiň we Gyzylarbat etrap prokuraturasy bilen bilelikde guramaklarynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Bu çäre ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, köçelerde, ýollarda we jemgyýetçilik ulaglarynda özüňi howpsuz we medeniýetli alyp barmak endiklerini terbiýelemek maksady bilen geçirildi. Wagyz-nesihat duşuşygyna köpsanly bilim işgärleri hem-de talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Wagyz-nesihat duşuşygy, hususan-da, ýaşlarymyzyň ýol hereketiniň kadalaryny talabalaýyk ýerine ýetirmeklerinde mynasyp täsirini ýetirdi. Duşuşygyň ahyrynda okamaga, işlemäge, döretmäge şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize alkyş sözleri aýdyldy.

**Tugur TUGUROW,**
**Gyzylarbat etrap Polisiýa bölüminiň ýol gözegçilik bölüminiň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.**

☑ Tejen etrap häkimliginiň Mejlisler zalynda etrabyň edara-kärhanalarynyň, daýhan birleşikleriniň, bilim we saglygy goraýyş ulgamynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmaklarynda etrabyň jemgyýetçilik guramalarynyň, şeýle hem Tejen etrap we şäher polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň wekilleri bilen bilelikde «Şahsy seresaplygy elden bermäň!» ady bilen wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Mundan başga-da, etrabyň 27-nji orta mekdebinde «Köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmek borjumyzdyr» ady bilen wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Wagyz-nesihat duşuşyklary okuwçy ýaşlarda uly täsir galdyrdy.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Tejen etrap komitetiniň agzybir işgärleri bilen bilelikde her ýylyň 1 — 30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen bäsleşigiň çäginde geçirilýän wagyz-nesihat işleriniň guramaçylykly geçirilişine Tejen etrap häkimliginiň, şeýle-de etrabyň beýleki jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde işjeň gatnaşýarlar.

**Serdar ANNAÝEW,**
**TDP-niň Tejen etrap komitetiniň bölüm müdiri.**

# SPORT — SAGDYNLYK WE GÖZELLIK



**Häzirki wagtda ata Watanymyzda köpçülikleýin bedenterbiýe we sport ýurdumyzyň bagtyýar ýaşaýjylarynyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Bu ugurda amala aşyrylýan maksatnamalaýyn işler bolsa sport janköýerleriniň, ýaşlarymyzyň sporta bolan gyzyklanmasyny artdyryp, ussat tälimçilerimizi we türgenlerimizi täze üstünliklere ruhlandyrýar. Şeýle hem Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň wagtlaryny netijeli geçirmegine, olaryň erjellik, maksada okgunlylyk we ynsanperwerlik ruhunda terbiýelenmegine ýardam edýär. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän toplumlaýyn çäreleriň netijesinde ýaş nesliň bedenterbiýe we sport bilen netijeli we yzygiderli meşgullanmagyna, saglygyny berkitmegine, göwnejaý dynç almagyna giň mümkinçilikler döredilýär.**

**Biz hem ýaşlaryň sporta höwesini artdyrmak bilen sport ýaryşlaryny yzygiderli geçirýäris. Welaýatymyzyň etrap-şäherlerinde gurlup ulanylmaga berilýän döwrebap sport desgalarynda ýaşlaryň sport bilen yzygiderli we netijeli meşgullanmaklary, kämilliklerini artdyrmaklary jemgyýetimizde berk bedenli, sagdyn ruhly ýaş nesilleriň kemala gelmegine ýardam edýär.**

**Aziz ROZYMURADOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýat Geňeşiniň umumy bölüminiň müdiri.**

# ŞANLY TOÝUŇ ŞATLYGY



☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly täze-täze taryhy wakalary bilen şöhratlanýar. Türkmen bu gün öz ykbalynyň, öz bagtynyň eýesi. Berkarar döwlet — halkymyzyň baş mukaddesligi. Milletiň wezipesi bu mukaddesligi goramakdan, berkitmekden, öňe alyp gitmekden ybaratdyr.

Döwletiň dünýäde öz abraýyny, ornuny saklamagy aňsatlyk bilen bolýan zat däl. Döwleti hasyl edýän, goraýan, ösdürýän gymmatlyklar bar. Döwrüň döwür bolmagy üçin taryhy şertleriň kemala gelmegi hem möhümdir. Şunuň bilen birlikde, bir döwürden täze bir döwre, hem ruhy, hem durmuş-ykdysady taýdan täze jemgyýete geçmegiň kynçylyklaryny ýeňmegi başarmak beýik taryhy wezipä hötde gelmekdir. Şunda halkyň döredijilik mümkinçilikleri özözünden açylmaýar. Munuň üçin ol güýji oýarmagy, herekete getirmegi, ösdürmegi başarýan, döwri beýik döwür edýän şahsyýetleriň gerekdigi düşnüklidir. Bu zatlaryň ählisi müňýyllyklaryň tejribesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Halkymyzyň eşretli durmuşyny üpjün etmek, Garaşsyz Watanymyzy dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň birine öwürmek, ata-babalarymyzyň Watan mukaddesligi baradaky duýgy-düşünjesiniň biz ýaş nesiller üçin bahasyz miras, mekdep bolmagyny gazanmakdyr! Bular babatda hiç mahal unudylmajak, hemişe öwreniljek işler bitirilýär.

Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul edilen resminamalar zähmetsöýer halkymyzyň şatlygyna şatlyk goşdy. Şeýle-de, şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk toýy mynasybetli geçirilen baýramçylyga ýurdumyzyň ähli künjeginde giňden taýýarlyk görüldi. Bu bolsa Garaşsyz Türkmenistanyň ýokary derejede geçirilen baýramçylyk çärelerini, gazanýan üstünliklerini giňden beýan edýär. Bizi ajaýyp zamanada ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin.

**Arzygül GARAJAÝEWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.**

# OLIMPIÝA OÝUNLARYNA TAÝÝARLYK

☑ Häzirki wagtda ýurdumyzda milli sportda buýsandyryjy üstünlikler gazanylýar. Diňe bir gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler bilen çäklenilmän, öňde boljak iri sport ýaryşlaryna, çempionatlara, kubok ýaryşlaryna, Olimpiýa we Aziýa oýunlaryna şu günlerden ýokary depginli taýýarlyklar görülýär.

Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde türkmen türgenlerini 2028-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Los-Anjeles şäherinde geçiriljek XXXIV tomusky Olimpiýa we XVIII tomusky Paralimpiýa oýunlaryna taýýarlamak işleriniň barşy barada hormatly Prezidentimize hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyzyň mejlisde milli türgenlerimiziň 2028-nji ýylda geçiriljek tomusky Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlarynda üstünlikli çykyş etmekleri üçin häzirden zerur işleri alyp barmak, bu ugurda degişli işleri geçirmek barada tabşyryk bermegi esasynda öňde boljak Oýunlara hemmetaraplaýyn taýýarlyk görmek işleri täze bir joşgun, täze bir ruhy göteriliş ýagdaýynda badalga aldy. Mejlisde berlen tabşyryklara laýyklykda, ýurdumyzyň Hökümetiniň dürli ulgamlarynda geçirilen iş maslahatlarynda degişli edara-kärhanalaryň, şol sanda Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň we onuň garamagyndaky düzümleriň öňünde takyk wezipeler goýuldy.




**Geldimyrat SOLTOWOW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# ÄHMIÝETLI DUŞUŞYK




☑ Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda asyrlara barabar işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda belent binalar bilen bir hatarda, giň hem tämiz, halkara ölçeglerine laýyk gelýän häzirki zaman gara ýollarynyň gurulmagy, olaryň degişli ýolyşyklar, ýol belgileri we ýol çyzgylary bilen üpjün edilmegi eşretli zamanamyzda raýatlaryň ýollarda bökdençsiz we howpsuz hereket etmeklerine uly mümkinçilikler döredýär. Ýol hereketiniň düzgünlerini sürüjileriň berk berjaý edişleri ýaly, olary pyýadalar hem dürs ýerine ýetirmelidirler. Bu möhüm işde mekdebe çenli ýaşly körpeleriň, mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň, şeýle hem her bir raýatyň bu düzgünleri dogry berjaý etmegi zerurdyr.

Etrabyň bilim bölüminiň, polisiýanyň ýerli wekilleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda Gyzylarbat etrabynyň çäginde ýerleşýän başlangyç we orta hünär okuw mekdeplerinde, orta mekdeplerde we çagalar baglarynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen birnäçe çäreler geçirilýär. Şeýle çäreleriň geçirilmegi çagalar bilen baglanyşykly ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga we olaryň ýol hereketiniň kadalaryny öwrenmegine ýardam edýär.

Ýaşlaryň ýol hereketiniň düzgünlerini oňat bilmegi we doly berjaý etmegi biziň ýollarymyzyň asudalygyny, ömrümiziň rahatlygyny üpjün eder.

Biziň her birimiziň Türkmenistan ýurdumyzda bagtyýar ýaşap, asuda ýollarda erkana gezmegimiz, ömrümiziň rahat bolmagy üçin taýsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Jumamuhammet MAHMYDOW,**
**TKA-nyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň hasapçysy.**

# SANLY ULGAM WE SAZLAŞYKLY ÖSÜŞ

☑ XXI asyr maglumatlar asyry hasaplanylýar. Kompýuter tehnologiýalary häzirki döwürde dünýäde has depginli ösýän ugurlardyr. Dünýä tejribesiniň giňden durmuşa ornaşdyrylýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sanly ulgam özüniň mynasyp ösüş ýoluna düşdi. Mälim bolşy ýaly, «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» üstünlikli amala aşyrylýar. Bu resminama ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň we ýurdumyzyň jemgyýetçilik edaralarynyň işiniň netijeliligini maglumat tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Döwletimizde sanly ulgamy ösdürmeklige bagyşlanan möhüm işler, ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda, harby we hukuk goraýjy edaralarynda bolşy ýaly, Döwlet gümrük gullugynda hem üstünlikli alnyp barylýar. Ýurdumyzyň gümrük edaralarynyň ählisinde sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden, döredilen şertlerinden giňden peýdalanylýar. Bu bolsa öz gezeginde birnäçe işleriň ýeňilleşmegine, sarp edilýän wagtyň tygşytlanylmagyna hem-de islendik wagtda birnäçe ugra degişli maglumatlary çalt tapmaga mümkinçilikler döredýär. Gullugyň düzüminde meýilnama esasynda guralýan duşuşyklara, guramaçylyk we gulluk meselelerine bagyşlanan maslahatlara, okuw sapaklaryna wideo aragatnaşyk ýa-da telekörpi esasynda gatnaşmaga mümkinçilik döredildi. Munuň özi halkara guramalary we daşary döwletleriň degişli gümrük edaralary bilen ýola goýlan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge giň ýol açýar.

Ylmy-tehniki we ählumumy ösüşi alamatlandyrýan sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň tapgyrma-tapgyr ornaşdyrylmagy has göwnejaý hem-de tutanýerli zähmet çekmäge, döwrebap gulluk etmäge höwes döredýär. Türkmenistanyň gümrük edaralaryna ornaşdyrylan ASYCUDA WORLD, TIR-EPD ulgamlary, «Eksport-import amallary üçin bir penjire» taslamasy Döwlet gümrük gullugy tarapyndan sanly ulgamy ösdürmekde alnyp barylýan işleriň dowamy bolup durýar. Bu bolsa gullugyň alyp barýan işiniň öňe ilerlemegi, dünýä tejribesiniň öwrenilmegi babatda oňyn ähmiýete eýedir. Sanly ulgamyň ýokary derejede ösdürilmegi bilen harby gullukçylaryň alyp barýan işleriniň ýeňilleşmegine, raýatlara edilýän hyzmatyň ýokarlanmagyna we halkara tejribesini durmuşa ornaşdyrmaga uly mümkinçilik berýär. Bu amala aşyrylýan özgertmeleriň sakasynda duran Türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Arslan KERTIKOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.**

# GARAŞSYZLYK — BEÝIK IŞLERIŇ DESSANY

☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda giň gerimde bellenilen şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy mynasybetli etrabymyzda «Garaşsyzlyk — beýik işleň dessany, dünýä mälim edýär Türkmenistany» ady bilen dürli medeni köpçülikleýin dabaralary we bäsleşikler geçirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alyp, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramçylygyny ýokary derejede garşylamak maksady bilen, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde dürli mazmunda çäreler, duşuşyklar, maslahatlar we sport bäsleşikleri guraldy.

Baýramçylyk mynasybetli guralan medeni köpçülikleýin çäreleriniň biri hem etrabymyzyň Medeniýet öýünde edara-kärhanalarda, guramalarda, hususy kärhanalarda zähmet çekýän işgärleriň, orta hünär okuw mekdebiniň talyp ýaşlarynyň, harby gullukçylarynyň hem-de etrabymyzyň bagtyýar ýaşaýjylarynyň gatnaşmaklarynda aýdym-sazly dabara uly ruhubelentlige beslenip geçirildi.

Dabaraly çärede medeniýet we sungat ussatlary özleriniň täze döreden aýdymdyr sazlary, tanslary, degişme sahnalary bilen çykyş etdiler. Baýramçylyk mynasybetli guralan çärede etrabymyzyň dürli pudaklar boýunça ýetilen belent sepgitlerini beýan edýän görnüşlere hem-de çeper halyçylyk kärhanasynda dokalýan haly we haly önümleriniň sergisine-de uly orun berildi. Çäräniň dowamynda baýramçylyk mynasybetli dürli pudaklarda önjeýli zähmet çeken işgärleriň birnäçesine, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Gyzylarbat etrap birleşmesi we etrabyň beýleki jemgyýetçilik guramalary tarapyndan sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Baýramçylyk çäresi şatlyk-şowhun bilen giç agşama çenli dowam etdi.

Çärä gatnaşyjylar Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize çäksiz hoşallyk bildirip, janlarynyň sag, belent başlarynyň aman, il-ýurt bähbitli, bütin adamzat ähmiýetli işleriniň hemişe rowaç bolmagyny tüýs ýürekden arzuw etdiler.

**Döwletmyrat TATAROW,**
**TKA-nyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.**



# ÝAŞLARYŇ ARASYNDA GARRYLAR GEREK

☑ Dünýä belli akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy «Türkmeniň» atly ajaýyp goşgusynda:

**Beg, töre, aksakal — ýurduň eýesi,**
**Küren tutar gözel ili türkmeniň —**

diýip, halkymyzyň ýaşuly nesliň sarpasyny hemişe belent tutýandygyny belläp geçýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryna daýanyp, hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak baradaky döwlet syýasaty ýurdumyzda ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşulularyň sarpasyny belende götermegi, her bir tutumly işlerini olar bilen maslahatlaşyp durmagy, olaryň saglygy hakda ýakyndan aladalanmagy, pensiýa üpjünçiligini ýyl-ýyldan gowulandyrmagy, milli senenamamyz boýunça her ýylyň 1-nji oktýabrynda Ýaşulularyň halkara gününiň dabaraly bellenilmegi hemmämizi, aýratyn-da, ýaşuly neslimizi diýseň begendirýär. Halkymyz bu senäni durmuş mekdebiniň dana mugallymlary bolan ýaşululara goýulýan mynasyp hormat-sylagyň, söýgi-sarpanyň, şeýle hem pähim-paýhaslylygyň baýramy hökmünde belläp geçýär. Ýaşulularyň halkara gününiň uludan bellenilip geçilmeginiň özi-de, biziň ýurdumyzda ýaşulularymyz bolan dana adamlaryň, parasatly atalaryň mertebesiniň näderejede belentdigininiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenler haýsy işiň başyna barsalar-da, (toý tutmak, ogul öýerip, gyz çykarmak, täze jaýa göçmek, sapara gitmek...) öňünden maslahatlaşyp, öz maşgalasyndaky ýaşuly adamlara sala salyp başlaýarlar. Täze doglan çaga at dakanlarynda-da, daşyndan guwanyp ýören ýaş ene-atanyň özi at dakman, gaýyn atadyr gaýyn enä, ýagny ýaşulularyna sala salýarlar. «Ulynyň diýenini etmedik uwlar», «Geňeşli biçilen don gysga bolmaz» we başga-da birnäçe nakyllarymyz ýaşulularymyzyň maslahatynyň, sözüniň her gün, her bir işde gerekdigini, olaryň yzyna eýerip, sazlaşykly durmuşy dowam etmelidigini görkezýär. Ýaşulularyň maslahaty diňe bir maşgalanyň içinde derwaýys bolman, eýsem döwlet möçberinde geçirilýän maslahatlarda, her bir işde olaryň pikirleri, nesihatlary diňlenilýär.

Juwanlyk ömrüň bahary bolsa, ýaşulylyk onuň bol hasylly, bereketli güýzüdir. Baharda ekilen ekinleriň hasylynyň güýzde ýygnalyşy ýaly, ýaşulular hem özleriniň manyly ömürleriniň eçilen bol miwelerini bagtyýar ogul-gyzlarynyň şadyýan durmuşlarynda görüp, çeken zähmetleriniň ýerine düşendigine göz ýetirýärler. Hut şu ajaýyp ýagdaýam olara ýyllaryň geçendigini duýdurmaýar. Olaryň başlarynyň belentligi-de şu ajaýyp zamanamyzyň merdana halkymyza eçilen bagtyýarlygynyň olara-da güýç-kuwwat berýänligini aýdyň alamatlandyrýar.

Häzirki wagtda ýaşulularymyzyň baý durmuş tejribesi bilimli, terbiýeli, ýokary ahlakly, geljekde ata Watanymyzyň kuwwatyny artdyrjak nesilleri terbiýelemekde uly goşant bolup durýar.

**Ogulnur GELDIMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň mugallymy.**

# ÝAŞULULARYŇ HALKARA GÜNI

☑ Berkarar Watanymyzyň üstünliklerinde, mähriban halkymyzyň agzybirligini we jebisligini berkitmekde, ýaş nesillerimizi ata-babalarymyzdan gelýän milli däpdessurlarymyza laýyklykda terbiýelemekde ýaşuly nesliň hyzmaty uludyr. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli möhüm meseleleri maslahatlaşyp geňeşip çözmäge, ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelere parasatly ýaşularymyz işjeň gatnaşýarlar.

Möhüm ähmiýetli başlangyçlara ýaşulularyň ak patasy bilen badalga berilýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny halkymyza düşündirmekde sarpaly ýaşularymyz uly işleri bitirýärler. Şeýle-de, häzirki ajaýyp döwrümiziň eşretli hözirini görýän il sylagly, ak ýürekli, zähmetsöýer, belent ahlakly ýaşularymyz agtyk-çowluklarynyň arasynda sagdynlygyň, paýhaslylygyň janly mekdebi bolup durýarlar.



Bilşimiz ýaly, 1990-njy ýylyň 14-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy her ýylyň 1-nji oktýabryny Ýaşulularyň halkara güni diýip yglan etdi. Soňky ýyllarda bu baýram Türkmenistanda hem döwlet derejesinde giňden bellenilip geçilýär.

Gözbaşyny gadymdan alyp gelýän ýaşulularymyza hormat goýmak däbi hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer ýolbaşçylygynda häzirki döwürde hem döwlet derejesinde dowam etdirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda her bir döwletli tutumlarda il-ki bilen ýaşululara sala salmak-maslahat geçirmek, döwrebap şypahanalar gurup bermek, saglyk merkezlerinden ýeňillikli peýdalanmak, pensiýalaryň ýylba-ýyldan ýokarlandyrylyp durulmagy, galyberse-de, il içinde ýokary adamkärçiligi bilen görelde bolýan ýaşulularymyza «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen mertebeli atlaryň dakylmagy ene-atalarymyzyň başyny göge ýetirýär. Garaşsyzlyk baýramynyň bosagasynda hem däp bolup gelşi ýaly, ýaşuly nesliň wekillerine «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen hormatly atlar dakyldy. Munuň özi milli senenamamyzda mynasyp orun alan Ýaşulularyň halkara gününe özboluşly sowgat boldy. Bu belent hormat-sarpalar üçin ýaşulularymyzyň her bir işde bize nusga bolýan Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize alkyşlary dillerinde sena bolup ýaňlanýar.

**Mähri HOMMADOWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň Iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň talyby.**

# SAGDYNLYGYŇ ÇEŞMESI

☑ Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzda ähli ugurlar boýunça gazanylýan ýokary ösüşler adamyň abadan ýaşaýşyna gönükdirilendir. Binýady berkden gurulýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan saglygyny gorap saklamak we berkitmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Jemgyýetimiziň sagdynlygy, halkymyzyň agzybirligi we abadançylygy ugrunda taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlary netijesinde ýurdumyzda diňe bir sporty ýokary netijeli ösdürmek üçin dälde, berk bedenli nesli terbiýeläp ýetişdirmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek ugrunda hem degişli işler alnyp barylýar. Eziz Watanymyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni, olimpiýa hereketini, sporty ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ugurda milli maksatnamalarymyz, toplumlaýyn özgertmelerimiz üstünlikli durmuşa geçirilýär. Sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekany bolan Diýarymyzda ynsan saglygy baradaky alada esasy orunda durýar.

Häzirki döwürde sport we bedenterbiýe şahsyýetiň sazlaşykly kemala gelmeginde, ynsanyň saglygyny, beden, intellektual ukyplylygyny berkitmekde esasy gymmatlyklaryň biri hökmünde ýaşaýyş durmuşymyza ornaşdy. Şu günki ösüp gelýän sagdyn nesil ertirki özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň binýadydyr. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz halkymyzy ruhy taýdan galkyndyryp, döwrüň nesillerini beýik ösüşlere ruhlandyrýan ýaşlar syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýär.

Ýokary netijeli sporty ösdürmek, jemgyýetimize sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, adam saglygyna zyýanly endiklere garşy göreşmek bu ugurda alnyp barylýan işleriň özenini düzýär. Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, adamyň ruhy taýdan kämil we beden taýdan sagdyn bolmagyny sazlaşykly utgaşdyrmak halkymyzyň saglygyna oňaýly täsir edýän möhüm şertlerdir. Ýurdumyzda geçirilýän halkara derejesindäki sport ýaryşlary diňe bir döwletimiziň abraý-mertebesini ýokary götermän, eýsem, halkymyzyň sagdyn ýaşaýşyny üpjün etmäge, ösüp gelýän ýaş nesillerimiziň beden taýdan berk, ruhy taýdan sagdyn bolup ýetişmeklerine hem uly itergi berýär.

Umuman, hormatly Prezidentimiziň ynsan saglygynyň girewi hasaplanýan bedenterbiýäni, sporty ösdürmek, milli sportumyzyň dünýä sportuna işjeň goşulmagyny gazanmak baradaky başlangyçlarynyň rowaç alýandygy her birimizi buýsandyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ahlak gymmatlyklaryna eýerýän döwlet syýasatymyz sagdyn jemgyýetiň esasydyr. Çünki ynsan saglygy bagtyýar, abadan ýaşaýşyň manysydyr.

**Begenç GURBANOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

# ÝURDUMYZYŇ GÖZEL GÜLLERI

☑ Güller tebigatyň ajaýyp döredijiligidir. Gülleriň ajaýyp öwüşginli reňkleri, çar tarapa ýaýradýan hoşboý yslary kalbyňy heýjana getirip, göwnüňi galkyndyrýar. Güller toýdur baýramçylyklaryň bezegidir. Türkmen sährasyny bezeýän al-elwan güllerimiz diňe bir özüniň owadanlygy bilen däl, eýsem dermanlyk häsiýetleri bilen hem giňden tanalýar. Owadanlygy, gadyr-gymmaty, söýgini we ajaýyplygy alamatlandyrýan güller her bir adam üçin arzyly sowgatdyr. Gelin-gyzlarymyzy, mährem enelerimizi toýdur baýramçylyklarda ajaýyp güller bilen begendirmek öňden gelýän däbe öwrüldi.

Gülleriň täsin görnüşleri bardyr. Olardan diňe bir daşarda däl, eýsem, öýe gireniňde şähdiňi açýan otag gülleri hem giňden ösdürilip ýetişdirilýär. Otag güllerini saklamagyň özüniň aýratyn lezzeti bardyr. Ol öýüň howasynyň tämiz bolmagyny üpjün edýär, göwnüňi açýar. Otag gülleriniň uzak ýaşamagyny üpjün etmek üçin olary aşa ýada pes çyglylykdan daşda saklamaly. Çyglylygy kadaly saklamak üçin gülüň ýapraklaryny az-azdan nemlendirip durmalydyr. Güllere artykmaç suw bermek hem zyýanlydyr. Olary görnüşlerine görä, Günüň şöhlesiniň düşýän ýerinde ýerleşdirmelidir. Gün şöhlesini däl-de, kölegeli ýerleri halaýan güller hem bolýar. Ýer ýüzünde gül açýan ösümlikleriň müňlerçe görnüşi bardyr. Olaryň her biriniň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Gülleriň köpüsi kiçi bolsa, käbiri has uly ýa-da ortaça ululykda bolýarlar. Güller bezeg üçin hem-de sowgatlyk üçin, öý we toýdur baýramlaryň bezegleri üçin hem giňden ulanylýar. Güller owadan ýurdumyzyň jemalyna gözellik goşýan täsinlikdir.

**Gülşat NURMEDOWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň 59-njy orta mekdebiniň biologiýa-himiýa mugallymy.**

# RUHUBELENTLIGIŇ GÖZBAŞY

☑ Tejen etrap häkimliginiň ýörite meýilnamasy esasynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň hem-de iri jemgyýetçilik guramalary bilen birlikde «Sport — bu güýç-kuwwatyň, gözelligiň, ruhubelentligiň we sagdynlygyň gözbaşydyr» diýen at bilen Tejen etrabynyň Sport mekdebinde wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşykda Tejen etrabynyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri hem-de saglygy goraýyş edaralaryň işgärleri çykyş etdiler.

Çykyş edenler Arkadagly döwrümizde ynsan saglygy barada edilýän aladalar dogrusynda belläp geçdiler, şeýle hem bedenterbiýäniň we sportuň ynsan saglygynda uly ähmiýete eýe bolup, sport bilen meşgullanmak adam bedeniniň berkemeginde uly orny barada aýdylyp, ýaşlarymyza sportuň ähli görnüşlerini öwrenmekde we bu oýunlaryň beden we ruhy taýdan sagdynlygy, çuňňur pikirlenmegi, netije çykarmak endiklerini, ugurtapyjylygy, çeýeligi ösdürýänligi hem-de ýaş nesliň sagdyn ösüp kemala gelmegine ýardam edýänligi barada aýdanlary has-da täsirli boldy.

Çykyşlaryň ahyrynda halkyň saglygyny ilkinji orunda goýýan, türkmen sportunyň taryhy ösüşleriniň başynda duran Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdyldy.

**Şemşat BAÝAÝEWA,**
**TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

# SPORT WE BEDENTERBIÝE

☑ Bäherden etrabynda ähli amatlyklary özünde jemleýän 350 orunlyk sport mekdebi gurlup ulanmaga berlen gününden bäri, onda ençeme sport ýaryşlary, sportda gazanylan netijeler barada wagyz-nesihat çäreleri yzygiderli geçirilýär. Şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Bäherden etrap sport mekdebinde etrabyň jemgyýetçilik guramalary etrabyň TDP-nyň işgärleriniň, etrap KA-nyň hünärmenleriniň, etrap MAÝG-nyň işjeň agzalarynyň we sport mekdebiniň halypa tälimçileridir türgenleriniň gatnaşmagynda «Garaşsyzlyk bilen galkynan türkmen sporty» atly şygar astynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşyga gatnaşanlar öz çykyşlarynda alnyp barylýan tutumly işleriň manyny-mazmunyny düşündirdiler hem-de Garaşsyzlyk ýyllarynda ähli ulgamlar bilen bir hatarda ýurdumyzyň sportda gazanylan üstünlikleri barada giňişleýin gürrüň berdiler.

**Täçmyrat ŞYHBERDIÝEW,**
**Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň başlygy.**

☑ Türkmenabat şäheriniň 8-nji sport mekdebinde sportuň boks görnüşi boýunça 2010-2011-nji ýylda doglan ýetginjekleriň arasynda Lebap welaýatynyň birinjiligi geçirildi. Bäsleşikde Türkmenabat, Köýtendag, Çärjew toparlary ýaryşdylar. Welaýatyň birinjiligini almak ugrunda türgenler agram derejeleriniň 17-sinde bäsleşdiler. Çekeleşikli geçen tutluşyklaryň netijesinde Türkmenabat şäheriniň topary 1-nji orny eýeledi. Köýtendag etrabynyň topary 2-nji orna, Çärjew etrabynyň topary 3-njy orna mynasyp boldy.

Türkmenabat toparynyň türgenleriniň üstünliginiň aňyrsynda tälimçiler Aziz Bibitowyň, Babamyrat Rozyýewiň, Faruh Ýomudowyň, Zarif Jumaýewiň, Ilýas Bibitowyň, Begmyrat Bazarowyň yhlasly zähmetiniň ýatandygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

Ýeňiji bolan türgenlere Lebap welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň ýadygärlik sowgatlary we Hormat hatlary gowşuryldy.

**Baýram TAGANOW,**
**Türkmenabat şäheriniň 8-nji sport mekdebiniň müdiriniň okuw işler baradaky orunbasary.**

☑ Ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini ornaşdyrmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmek maksady bilen Daşoguz welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň, «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň Daşoguz şäher bölüminiň, TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň, TDP-niň şäher komitetiniň bilelikde guramagynda Daşoguz şäherindäki orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda basketbol boýunça şäher birinjiligini almak boýunça oglanlaryň hem-de gyzlaryň arasynda bäsleşik geçirildi.

Bäsleşige ýaşlar uly höwes bilen gatnaşyp, oglanlaryň arasynda 1-nji orna 6-njy orta mekdebiň, 2-nji orna daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 1-nji orta mekdebiň, 3-nji orna iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiň basketbolçylary mynasyp boldular. Bäsleşik gyzlaryň arasynda hem örän çekeleşikli bolup, onda 1-nji orna 6-njy orta mekdebiň, 2-nji orna iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiň, 3-nji orna 16-njy orta mekdepleriň basketbolçylary ýeňiji boldular.

Ýeňijilere hem-de ýaryşa gatnaşyjylara TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň ýadygärlik sowgatlary hem-de Hormat hatlary gowşuryldy.

**Hurşida ATAÝEWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde uly işler amala aşyrylýar. Şonuň üçinem sagdynlygyň, ruhubelentligiň we bagtyýarlygyň mekanyna öwrülen berkarar Watanymyzyň sport abraýy barha ýokary göterilýär.

«Sagdyn bedene sagdyn ruh» diýen jümle biziň ýurdumyzda esasy şygaryň birine öwrüldi. Bu şygaryň biziň gündelik durmuşymyzda öz beýanyny tapmagy üçin Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan uly işler alnyp barylýar. Sebäbi ýurdumyzda adamyň saglygy hemme zatdan ileri tutulýar.

Biziň 1-nji sport mekdebimizde-de ýaş nesliň sagdyn, ruhubelent, fiziki taýdan taýýarlykly adamlar bolup ýetişmekleri üçin uly alada edilip, Daşoguz welaýatynyň zolaklaýyn ýaryşynyň senenamasy esasynda bellenilen 2024-nji ýylyň Birinji liga futbol toparlarynyň arasyndaky futbol boýunça Türkmenistanyň birinjiliginiň Daşoguz welaýatynyň zolaklaýyn ýaryşynyň 1-nji aýlawynyň 2-nji tapgyrynda etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň «Aýböwür» futbol topary 1-nji sport desgasynda şanly çykyş edip, oňat netijeleri görkezdiler.

**Akmyrat SARYÝEW,**
**S.Türkmenbaşy etrabynyň 1-nji sport mekdebiniň instruktor-usulyýetçisi.**

☑ Bedenterbiýe we sport jemgyýetiň sagdynlygyny üpjün edýär, halklary we döwletleri dostlaşdyrýar hem-de jebisleşdirýär. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde sport bilen meşgullanmak, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek boýunça hem dürli wagyz-nesihat işleri, bäsleşikler, guramaçylykly ýagdaýda geçirilip, degişli işler alnyp barylýar. Sebäbi sport bilen meşgullanmak adamyň saglygyny berkitmäge, ömür dowamlylygyny uzaltmaga, dürli ýaramaz keselleriň, endikleriň öňüni almaga ýardam edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen halkyna peşgeş beren «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik ajaýyp kitabyny okanyňda hem öz saglygyňy berkitmek üçin birnäçe peýdaly maglumatlara gabat gelmek bolýar. Şonuň üçin her bir adam öz saglygyny berkitmek üçin sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmeli. Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyz, hormatly Prezidentimiz tarapyndan sport ulgamyny ösdürmek üçin döredip berilýän giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, türkmen türgenleriniň dünýä ýaryşlaryna gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýandyklaryny hem uly buýsanç bilen bellemek gerek.

**Maýa OMAROWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň magistranty.**

☑ Şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli Daşoguz welaýatynyň «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň guramagynda Görogly etrabynyň orta mekdep okuwçylarynyň arasynda basketbol boýunça 3-nji sport mekdebinde ýaryş guraldy. Bu ýaryşa ýaşlar işjeň gatnaşyp, bäsleşikler çekeleşikli ýagdaýda dowam etdi.

Ýaryşyň jemi jemlenilende 1-nji orna etrabyň 1-nji orta mekdebiň okuwçylary, 2-nji orna 47-nji orta mekdebiň okuwçylary, 3-nji orna hem 20-nji orta mekdebiň okuwçylary mynasyp boldular. Ýeňiji diýlip yglan edilen ýaş oýunçylara Daşoguz welaýatynyň «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Soltanbibi SARYBAÝEWA**
**Görogly etrabynyň 3-nji sport mekdebiniň instruktor-usulyýetçisi.**

# TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE WE SPORT INSTITUTY

## GARAŞSYZLYK BAÝRAMYNA BAGYŞLANAN YLMY-AMALY MASLAHAT

☑ Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bilelikde guramagynda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli «Berkarar döwletimiziň Garaşsyzlygy milli sportuň ösüşleriniň gözbaşydyr» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Umumy mejlisde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty Hydyr Nunnaýew giriş sözi bilen çykyş etdi. Şeýle-de, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň bölüm müdiri Hydyr Myradowyň, TDBSI-niň sportuň nazaryýeti we usulyýeti kafedrasynyň öwreniji mugallymy Nurmuhammet Ataýewiň, TDBSI-niň diller kafedrasynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Oguljennet Jumalyýewanyň, TDBSI-niň sportuň gyşky we suw görnüşleri kafedrasynyň uly mugallymy Hemra Nurmyradowyň, TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby Daýanç Tagyşowyň çykyşlary diňlenildi.

Soňra maslahat bölümlerde dowam etdi. I bölüm «Garaşsyz Watanymyzyň şöhratly ösüşleri», II bölüm «Garaşsyz Diýarymyzda bedenterbiýe we sportda ýetilen sepgitler», III bölüm «Garaşsyzlyk türkmen halkynyň röwşen geljegidir» diýip atlandyryldy.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Sagdyn nesiller» çeper höwesjeňler toparynyň aýdym-sazly edebi çykyşy maslahata gatnaşanlarda ýakymly täsirleri galdyrdy.

**Orazbibi HAJYAMANOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## «SPORT DIPLOMATIÝASY PARAHATÇYLYGYŇ DIALOGYDYR» ATLY MASLAHAT

☑ Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň ýardam bermeginde Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti bilen bilelikde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramy we Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) we Halkara Talyplar sport federasiýasy (FISU) tarapyndan esaslandyrylan Talyplar sportunyň halkara güni mynasybetli «Sport diplomatiýasy parahatçylygyň dialogydyr» atly maslahat geçirildi.

Maslahatda ÝUNESKO-nyň Sport bölüminiň başlygy, jenap Filip Müller-Wirtiň wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly ÝUNESKO-nyň dünýäde sporty ösdürmek bilen bagly alyp barýan işleri barada täsirli çykyşy oňa gatnaşyjylar tarapyndan gyzgyn garşylandy. ÝUNESKO bilen Türkmenistanyň arasynda alnyp barylýan işleriň netijeli hyzmatdaşlyklara giň ýol açýandygy bellenilip geçildi. Jenap Filip Müller-Wirtiň çykyşy maslahata gatnaşanlarda ýakymly täsir galdyrdy.

Soňra maslahat öz işini bölümçelerde dowam etdi. «Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi — halklaryň arasynda dostlugyň we özara düşünişmegiň dabaralanmasy», «Parahatçylygyň we dostlugyň bähbidine sport diplomatiýasyny ilerledip», «Sport mümkinçilikleriniň we üstünlikleriniň ýurdy bolan Watanymyzda talyplar sporty ösüş ýolunda» atly bölümlerde Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda dünýäde sport diplomatiýasyny dabaralandyrmakda, halkara sport hyzmatdaşlygyny ösdürmekde alnyp barylýan işleriň möhüm ähmiýeti nygtalyp geçildi.

**Daýanç TAGYŞOW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## TALYP TÜRGENLER HORMAT MÜNBERINE ÇYKDYLAR

☑ Makaoda (Hytaý) uşu boýunça Aziýanyň 10-njy çempionaty geçirildi. Bu çempionata 20 töweregi döwletden 300-den gowrak türgen gatnaşdy.

Uşu boýunça Aziýa çempionatyna gatnaşan Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň düzüminde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp türgenleri hem medallar ugrunda göreş alyp bardylar. Olaryň arasynda Göwher Gowşudowa bilen Mähriban Agaýewa has netijeli çykyş etdi. Talyp türgenlerimiz yklymyň iň saýlama uşuçylarynyň arasyndaky bäsleşikde bürünç medal gazanyp, hormat münberine çykmagy başardylar.

Umumytoparlaýyn ýaryşda Hytaýyň ýygyndysy 1-nji orny eýeledi. Olar 18 altyn, 1 kümüş, 3 bürünç medal gazandylar. 2-nji orna Eýranyň ýygyndysy mynasyp boldy. Olar ýaryşy 7 altyn, 3 kümüş, 5 bürünç medal bilen tamamladylar. Malaýziýanyň ýygyndysy bolsa 3 altyn, 4 kümüş, 3 bürünç medal gazanyp, 3-nji orna düşdi.

**Mämmetsähet MÄMMETSÄHEDOW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK DABARASY

☑ Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Türkmenistanyň Milli Talyplar sporty federasiýasy bilen bilelikde guramagynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramy we Talyplar sportunyň halkara güni mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda ýaryş geçirildi.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 20-sinden müňe golaý talybyň gatnaşmagynda guralan ýaryşlarda talyplar sportuň woleýbol, basketbol, futzal görnüşleri boýunça özara bäsleşdiler. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramyna we BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) we Halkara Talyplar sport federasiýasy (FISU) tarapyndan esaslandyrylan Talyplar sportunyň halkara gününe bagyşlanan bäsleşigiň jemi boýunça ýeňijileri sylaglamak dabarasy geçirildi. Bu dabara şowhunly häsiýete eýe bolup, oňa gatnaşanlar özleriniň ýürek buýsançlaryny beýan edip, Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize alkyş aýtdylar.

**Parahat MÄMMETNUROW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# DÖREDIJILIK DÜNÝÄSI

## GAHRYMAN PEDERIŇ GAHRYMAN OGLY!

**Döwletli ogullar ýaşda baş bolar.**
**Magtymguly Pyragy.**

Baýdak edip beýik Garaşsyzlygyn,
Saýlap parahatlyk, Bitarap ýoly.
Aýdyň geljegmize dowamat-dowam,
Gahryman Pederiň Gahryman Ogly!

Çekip kerwen başyn juwan ýaşynda,
Türkmen bu gün bir döwletli, goragly.
Bagty çüwen halkymyzyň başynda,
Gahryman Pederiň Gahryman Ogly!

Garşylap dünýäniň belent münberi,
Äleme äşgärdir gaýraty, dogmy.
Ilin bagta elten Watan Serweri,
Gahryman Pederiň Gahryman Ogly!

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ HEÝKELI

Serpaýydyr Pyragynyň 300 ýyllyk toýuna,
Söz manysyn aňlanlara päk hormatyň tymsaly,
Şygyr içre iň arzyly arzuwlaryň wysaly,
Dünýä akyldarlary jemlenipdir goýnuna,
Şygyr ussatlaryna mertebeli münberdir,
Kalplara ýalkym çaýýan tylla Güneş, enwerdir,
«Köpetdagyň eteginde galyp bu gün örboýuna»,
Gökde buluda diräp keramatly başyny,
Dünýä belli söz ussatlar gutlap 300 ýaşyny,
Şatlyga bürenendir gadymy Jeýhun-Hazar,
Bu berkarar döwlete aýlap guwançly nazar,
Seslenýär buýsanç bilen beýik Pyragy dana:
«Berkarar döwlet islärin» arzuwyna ýetiren,
Eziz türkmen ilime baky bagty getiren,
Gahryman Arkadaga, Arkadagly Serdara
Ýüz müň alkyş, müdimi şöhrat bolsun, şan bolsun,
Saglyk, abraý-mertebe ebedilik ýar bolsun!

## GÖRDÜŇMI?

Säher sabasynda asudalyk bar,
Aýdyň gijelerne asudalyk ýar,
Berkarar gujagy baky bagtyýar,
Älem içre şeýle Watan gördüňmi?!

Serinde il-günüň ertiri diňe,
Watan saýasynda barýandyr öňe,
Türkmen bagtly Milli Lideri bile,
Älem içre şeýle Lider gördüňmi?!

«Watan diňe halky bilen Watandyr»,
Arkadagyň dowamatyn tutandyr,
Penasynda bagtyň daňy atandyr,
Älem içre şeýle Şalar gördüňmi?!

Arzyly arzuwlaň wysally ýeri,
Dünýäň ykrar eden belent münberi,
Aşgabadym şäherleriň serweri,
Älem içre şeýle merkez gördüňmi?!



«Şäher gurjak bolsaň, çagyr türkmeni»,
«Akylly», owadan ýokdur hiç kemi,
Galamlarmyz taryp edýär görküni,
Älem içre şeýle şäher gördüňmi?!

Sözden bakylygyň heýkelin diken,
Berkarar döwletiň zaryny çeken,
Zybanyndan sözüň dürüni döken,
Älem içre şeýle şahyr gördüňmi?!

Şaýat arzuwlanan ýagty ertire,
Bezegdir taryha, müň bir setire
Kämil söze, şygra belent mertebe,
Älem içre şeýle heýkel gördüňmi?!

## GÜNDOGARYŇ DÜRI

Gör, nähili bagt guçupdyr meň bijäm,
Ylhamly kalbymda duýgular süýjäp,
Ukusyz geçenne degen her gijäm,
Ele galam berdi halal kesbiňiz,
Pyragy — atam siz!
Bizem — nesliňiz.

Şygyrlaňdan ýol agtardym nusgalyk,
Hamala dag mysal göwnümde çökdüň.
Gursagymda ylham atly ýük bilen,
Şygryýetiň ýodalaryny sökdüm.
Galam alyp ele batyrlyk bilen,
Kalbyň kelamlaryn kagyza dökdüm.

Ýazdym aýdyň ertirleriň waspyny,
Joşdy zyban duýgularna erk etmän.
Sizden öwrendik biz ili söýmegi,
Menem siziň kimin buýsançly türkmen.
Mirasyň gursagma Watan söýgüsi
Şonuň üçin Watanymy terk etmen.

Bagryma badaşan her bir setiriň,
Galplyk ýokdur kelamyňy söýşümde.
Arzuw eden döwrüň waspyn edere,
Şygryň badasyny berseň düýşümde.
Älem haýran bolup türkmen adyna,
Beýik ruhuň duýsun «Watan» diýşimde.

Uzak-uzak menzil ýatyr arada,
Ýöne damarmyzda ganyňyz akýar.
Men bagtymy buşlamasam äleme,
Ynsabym galamyň kastyna çykýar.
Gör, ahyry bagt Güneşi bu ilde
Her säher nur paýlap ýylgyryp bakýar.

Beýik Gündogaryň bahasyz düri,
Şygyr bossanynyň soltany, piri
Goýup ýüreklerde öçmez möhüri
Ele galam berdi halal kesbiňiz.
Pyragy — atam siz!
Bizem — nesliňiz.

**Annabeg AÝMAKOWA,**
**Köneürgenç etrabynyň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 57-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.**

# TÜRKMEN KÜŞTÇÜLERI ÝEŇIŞLI ÝOLLARDA

☑ Wengriýanyň Budapeşt şäherinde 45-nji Bütindünýä küşt olimpiadasy geçirildi. Her iki ýyldan geçirilýän bu oýunlara dünýä ýurtlaryndan milli ýygyndy toparlaryň 381-si gatnaşdy. Olaryň 197-si erkekler, 184-si zenanlar toparydyr.

Kada laýyklykda, toparlaryň düzüminde jemi 4 türgen we 1 ätiýaçdaky oýunçy bolýar. Ýaryşda her oýunça 90 minut wagt berilýär. Oýunda her göçüm üçin 30 sekunt goşmaça wagt hem goşulýar. 40-njy göçüm edilenden soň, her tarapa 30 minut wagt goşulýar we ýaryş şweýsar usulyna görä dowam etdirilýär.

Milli ýygyndy toparymyzyň türgenlerinden oglanlar B toparda birinji orna — kiçi altyn medala, gyzlar C toparda birinji orna — kiçi altyn medala mynasyp boldular.

Erkekler milli ýygyndy toparymyzyň kapitany, tejribeli tälimçi Serdar Annaberdiýew we zenanlar toparynyň kapitany bolsa Şahruh Turaýew boldy.

**Durdygözel AMANOWA,**
**TDBSI-niň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň öwreniji mugallymy.**

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli sportumyz yzygiderli täze ösüş basgançaklaryna çykýar. Milli ýygyndy toparlarymyz sportuň dürli görnüşi boýunça öňki dowam edip gelýän netijeleri täzeläp, üstünlikli çykyşlary bilen ildeşlerimizi begendirip gelýärler.

Wengriýanyň Budapeşt şäherinde geçirilen 45-nji Bütindünýä küşt olimpiadasynda ýurdumyzyň erkek we zenan türgenler toparlary kiçi altyn medallara mynasyp boldular.

Erkek türgenler bäsleşiklere gatnaşan 188 toparyň arasynda 24-nji, gyz türgenler 169 toparyň arasynda 32-nji orny eýeledi. Bu gezekki gazanylan netijeleriň ýurdumyz tarapyndan küşt boýunça Bütindünýä küşt olimpiadalaryna gatnaşmagyň taryhynda iň gowusydygyny aýratyn belläp geçmek bolar. Bu netijeler ildeşlerimiziň bu gezekki Oýunlarda Eýran, Wýetnam, Bolgariýa, Gazagystan, Şwesiýa we Awstriýa ýaly ýurtlaryň meşhur küştçülerinden öňe geçmeginiň hasabyna gazanyldy. Küştçi gyzlarymyzyň görkezen netijeleri hem Italiýa, Awstraliýa, Eýran, Çehiýa, Sloweniýa, Belgiýa we Norwegiýa ýaly ýurtlaryň öňdebaryjy küştçüleriniňkiden has ýokary netijeleri görkezdiler.

Bu iri dünýä ýaryşynda döwletimiziň abraýyny gorap çykyş eden milli türgenlerimiziň hatarynda halkara sport ussady Saparmyrat Atabaýew, halkara grossmeýster Meýlis Annaberdiýew, Olimpiýa oýunlaryna ilkinji gezek gatnaşan Amanmuhammet Hommadow, Allaýar Şirliýew, Wepaly Halnyýazow dagy bar.

Milli türgen gyzlarymyzdan diňe 18 ýaşly Lala Şöhradowanyň Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak boýunça tejribesi bar. Merýem Agajanowa, Leýla Şöhradowa, Jahan Rejepowa, Eneş Arazmedowa dagy bolsa, Olimpiýa oýunlaryna ilkinji gezek gatnaşýandyklaryna we ätiýaçlykda durýandyklaryna garamazdan, ýokary türgenlik ruhuny görkezdiler.

Bu ajaýyp görkezijiler küşt boýunça milli türgenlerimiziň geljekki dünýä derejeli oýunlarda has ýokary görkezijiler bilen çykyş etjekdiklerine ynam döredýär.

**Bibi JUMAGULOWA,**
**TDBSI-niň Diller kafedrasynyň uly mugallymy.**




# ИНДИЯ — ТРИУМФАТОР ВСЕМИРНОЙ ШАХМАТНОЙ ОЛИМПИАДЫ

☑ В столице Венгрии завершилась 45-я Всемирная шахматная Олимпиада. В открытой секции сыграли 189 команд, в женской - 169. Триумфаторами соревнований стали индийские шахматисты, впервые завоевавшие золотые медали в обоих соревнованиях.

Чистое первое место в открытом турнире заняла команда Индии, набрав 21 матчевое очко из 22 возможных. Команда-победительница выиграла 10 матчей и сделала ничью только со сборной Узбекистана. Состав команды: Доммараджу Гукеш, Рамешбабу Прагнанандха, Арджун Эригайси, Сантош Гуджрати Видит и Пентала Харикришна.

По 17 матчевых очков набрали сборные США, Узбекистана, Китая, Сербии и Армении. Лучшие дополнительные показатели вывели на второе место команду США (Фабиано Каруана, Уэсли Со, Леньер Домингес, Левон Аронян, Рэй Робсон), а третьими стали победители прошлой Олимпиады - представители Узбекистана (Нодирбек Абдусатторов, Нодирбек Якуббоев, Жавохир Синдаров, Шамсиддин Вохидов и Жахонгир Вахидов).

Тренером и капитаном команды Узбекистана выступил 14-й чемпион мира Владимир Крамник. Поздравляем российского гроссмейстера с успехом!

Победив в заключительном туре команду Азербайджана, лидировавшая на протяжении большей части турнирной дистанции сборная Индии стала победительницей женского турнира. Индийские шахматистки Дронавалли Харика, Рамешбабу Вайшали, Дивья Дешмукх, Вантика Агравал и Таня Сачдев набрали 19 матчевых очков.

На втором месте - дружина Казахстана с 18 очками. Состав команды: Бибисара Асаубаева, Меруерт Камалиденова, Ксения Балабаева, Алуа Нурман и Амина Каирбекова.

По 17 очков в активе у сборных США, Испании, Армении и Грузии. По дополнительным показателям «бронзу» выиграли американки (Гулрухбегим Тохирджонова, Карисса Йип, Ирина Круш, Элис Ли и Анна Затонских).

**www.ruchess.ru**

# MAGTYMGULY, HALK ÝADYNDAN AÝRYLMA

## WILÝAM ŞEKSPIR

ŞEKSPIR DIÝLENINDE, BADA-BAT GÖZ ÖŇÜŇDE TEATR SAHNASYNYŇ, OÝUNLARYŇ, PÝESALARYŇ JANLANÝANDYGY TEBIGY ÝAGDAÝDYR. ÇÜNKI «GAMLET», «ROMEO WE ŽULETTA», «KOROL LIR», «OTELLO», «MAKBET» ÝALY SAHNA ESERLERI SÖZ USSADYNYŇ ADYNY XIX ASYRDAN BAŞLAP BÜTIN DÜNÝÄ MEŞHUR EDENDIR.

ŞUNUŇ BILEN BIRLIKDE WILÝAM ŞEKSPIR MEŞHUR IŇLIS ŞAHYRY WE DRAMATURGYDYR. 38 SAHNA ESERINIŇ, 134 SONETIŇ, 4 POEMANYŇ WE 3 EPITAFIÝANYŇ AWTORYDYR. DÖWÜRDEŞLERINIŇ BEREN BAHALARYNA GÖRÄ, OL: «EÝÝAMYŇ DÄL, ÝÖNE ÄHLI DÖWÜRLERIŇ ADAMY» BOLUP ÝAŞAPDYR.

BIZ BEÝIK SÖZ USSADYNYŇ EDEBI MIRASYNDAN 56-njy, 99-njy SONETLERI OKYJYLARA HÖDÜRLEÝÄRIS.



### 56-njy SONET

Oýan, söýgi! Artykmydyr çekdigiň
Tebsiräniň, teşneligiň keşginden.
Herne görse, aşygyna magşugyň,
Doýma ýokdur didaryndan, eşginden.

Söýgi hem şol deýin. Degip bir eser,
Bu gün aram küýsän, ynjalan keşpde.
Ertir ýene lowlar, tapyp bir heser,
Baky ýanmak üçin döränsoň yşkda.

Söýginiň gymmatyn duýar ýaly biz,
Goý, hijran çagymyz umma dyzasyn.
Soň kenara çykyp her ýandan sessiz,
Bir-birege wysal goly uzasyn.

Goý, gyş bolsa bolsun, pursat gar syrap,
Ýazlar gelip, bizi ýyldyp biler has.

### 99-njy SONET

Diýdim irki ýazda çykan benewşä:
Güller hoşboý ysyn senden alypdyr.
Her bir gülýapragy katdyňa duşa,
Mahmal roýuň gözläp, şondan alypdyr.

Selbi gül — zarynda akja gollaryň,
Käkil ot yşk edip zülpleriň çözlän.
Ak bägül dodakdan dadyp ballaryň,
Gyzyl bägül soran gyrmyzy şöhläň.

Üçünji bägülde aklyk — misli gar
Hem gyrmyzy şapak — gyzgyn demiňde.
Yşgyňa düşene, gör, ne zowal bar:
Durmaz çekýän derdi arşyň deňinde.

Bagda güller ähli saçyp ýagty nur,
Reňňi bilen ysyn senden alyp dur.

**Iňlis hem-de rus dillerindäki nusgalaryny deňäp terjime eden**
**Mamagül JORAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# RABINDRANAT TAGOR

## ÇÄGELI KENARYM ÝÜREKDEN SÖÝÝÄN

Çägeli kenarym ýürekden söýýän,
Tukatlyk basmarlan güýz çaglarynda —
Leglekler ürç edip höwürtge örýän.
Ak güller näzijek reňkin güjeňläp,
Gyşda uçup gelýän gazlaň sürüsin,
Goýnunda penalap, gonalga berýän.
Ýalta pyşbagalaň üýşüp barysy,
Güneşläp ýatandyr sol-saglarynda.
Agşamlary ýüzün tutup bu ýana,
Balykçylaň gaýgy ýük ýazdy:r, hana...
Çägeli kenarym ýürekden söýýän,
Tukatlyk basmarlan güýz çaglarynda
Leglekler ürç edip höwürtge örýän.

Söýýäň öz kenaryň, jeňňel-tokaýyň,
Şahalar bir-bire çyrmaşyp barýan.
Kölege salgym deý towlanyp her ýan,
Ýylan dek inçejik ýodajyklara
Şahalar baş egip egilip durýan.
Oňa saýa bolan bambuk daragty,
Ýaşajyk gollaryn yraýan wagty,
Howa ümüş-tamyş, alagaraňky,
Töwerek birgeňsi, däl deýin öňki...
Ol ýerde agşamlar hem säher-irden.
Saýaly jeňňeliň geçip gollaryn,
Adamlar jem bolar duralga bärden.
Çagalar oýnarlar giç-agşama çen
Ýüzdürip suwlarda gaýyk-sallaryn...
Söýýäň öz kenaryň, jeňňel-tokaýyň,
Senem gök öleňlik büräp oturan.
Şahalar bir-bire çyrmaşyp barýan.
Kölege salgym deý towlanyp her ýan,
Aramyzda bolsa derýa tolkunyp —
Seniň bilen meniň aramyz bölýär —
Aýdýan aýdymyndan köňlüň galkynyp,
Diňledigiňsaýy ýüregňi dilýär.
Ýatyryn ýassanyp çägäniň goýnun
Men öz kenarymda sähra-seleňde.
Sen öz kenaryňdan, egniň küýzeli
Jeňňellikden derýa baka geleňde —
Diňleýäs tolkunlaň aýdymyn bile
Seniň bilen men. Ikimiz — diňe.
Sen öz kenaryňda meniňkä görä
Eşidýäň birazrak özge gazaly...
Aramyzda bolsa derýa tolkunyp —
Seniň bilen meniň aramyz bölýär —
Aýdýan aýdymyndan köňlüň galkynyp,
Diňledigiňsaýy ýüregňi dilýär.

**Terjime eden Amangözel AMANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

**Rabindranat Tagor hindi halkynyň beýik şahyry, ýazyjysy, filosofy, dramaturgydyr. Ol görnükli sungat işgäri, suratkeş, esseçi, aýdymçy şahyr, ençeme aýdymlaryň awtory, kinorežissýor ýaly derejelere hem eýedir.**

**Tagoryň kiçi göwrümli şygyrlarynda okyjylary oýlandyrýan durmuşy meseleler, watançylyk, tebigat bilen ýakyndan baglanyşyklylyk, ynsanyň iň ýokary gymmatlykdygy, arassa-päk söýgi, wepalylyk, maşgala mukaddesligi ýaly taglymatlar orta çykýar. Hut şol sebäpli hem bu eserler dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna girendir.**








# ТЕОРЕМУ ПИФАГОРА ЗНАЛИ ЗА ТЫСЯЧЕЛЕТИЕ ДО НЕГО

☑ Недавние исследования показали, что жители Вавилона были в курсе законов, описанных теоремой Пифагора, еще задолго до появления последнего на свет.

Так, на глиняной клинописной табличке IM 67118, датируемой 1900-1600 гг. до новой эры, демонстрируется использование этой теоремы при вычислении длины диагональной линии в прямоугольнике. Открытие поставило под сомнение традиционные представления, будто греческие астрономы были пионерами в разработке тригонометрии.

В ином глиняном артефакте (XIX-XVII вв. до н.э.) подтверждено, что вавилонянам было известно о соотношениях длины диагонали в равностороннем четырехугольнике и его стороны. Таким образом, иррациональные числа и будущая теорема Пифагора уже применялись больше чем за тысячелетие до их популяризации греческими математиками.

**www.gismeteo.ru**




Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti

«7/24.tm» — «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hepdelik elektron goşundysy.

Salgysy: Aşgabat, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 54.

Telefon: +99312 22-81-38
Faks: +99312 22-77-03
e-mail: turkmenistansport@sanly.tm

A-114853

Žurnaly elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasyndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Hojaberdi Apbaýewiň ýolbaşçylygyndaky «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň döredijilik topary tarapyndan taýýarlanyldy.

1-nji sahabyň bezegini ýerine ýetiren Abdyrahman ROWŞENOW.

# TÜRGENLER BILEN DUŞUŞYK

☑ TKA-nyň Bereket etrap birleşmesiniň, Bereket etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň KA-nyň ilkinji guramasynyň bilelikde guramagynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli Bereket etrap sport mekdebiniň işgärleriniň arasynda «Garaşsyzlyk şan getirdi Diýara» atly şygar bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda Garaşsyzlygymyzyň saýasynda ýetilen belent sepgitler, gazanylan ýeňişler, üstünlikler barada giňişleýin gürrüňler berildi. Şanly Garaşsyzlygymyzyň merdana halkymyza gaýdyp beren milli mirasy, gymmatly taryhymyz, şu günümiz hakynda gürrüňler edilen çykyşlarda öz beýanyny tapdy. Menzilleri aşan ajap ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda ähli pudaklaryň ösüşi bilen bir hatarda parahatçylygyň ilçisi bolan sport ulgamynda hem gazanylan beýik üstünlikler barada buýsandyryjy çykyşlar edildi. Ussat türgenlerimiz ýer ýüzünde parahatçylygy, dost-doganlygy wagyz etmäge, Watanymyzyň at-abraýyny arşa galdyrmaga mynasyp goşant goşýandyklary aýratyn bellenip geçildi. Şeýle hem şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli baýramçylyk gutlaglary aýdyldy.

Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda, asuda, parahat durmuşda ýaşamaga halkymyza giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş sözleri aýdyldy.

**Arzuw BAÝRAMDURDYÝEWA,**
**Bereket etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň garamagyndaky sport mekdebiniň usulyýetçisi.**

# ЗДОРОВЬЕ ДОРОЖЕ ЗОЛОТА

## НАЗВАНЫ ДВА ВИТАМИНА, КОТОРЫЕ ПОМОГУТ ПРОЖИТЬ ДОЛЬШЕ

☑ Витамины B12 и D3 особенно важны для поддержания здоровья стареющего организма, рекомендуют специалисты. Соответствующие данные приводит директор Центра здоровья населения Массачусетского университета (США) Кэтрин Такер.

«С возрастом организм все хуже усваивает витамины, особенно B12 и D3, даже при соблюдении правильного питания», — Кэтрин Такер цитирует британское издание Redonline. По словам эксперта, после 50 лет людям следует обращать внимание на указанные витамины, так как их дефицит может привести к серьезным проблемам со здоровьем.

Дефицит витамина B12 связан с риском развития анемии, депрессии, деменции и снижением уровня энергии. Витамин D3, оказывающий влияние на иммунитет и кожу, получаемый в основном из солнечного света, с возрастом все труднее вырабатывается, что особенно актуально зимой.

**www.ura.news**

## ВРАЧИ НАЗВАЛИ ДОБАВКИ, ПОМОГАЮЩИЕ СОХРАНИТЬ ЗДОРОВЬЕ ОСЕНЬЮ

☑ Прием добавок цинка и железа поможет сохранить здоровье осенью,. Об этом изданию The Sun рассказали британский диетолог Роб Хобсон и фармацевт Димпл Вару.

Прием пищевых добавок может дать дополнительные преимущества, особенно в «простудные» периоды. Диетолог рекомендует начать с витамина C, который поддерживает иммунную систему, защищая клетки от повреждения свободными радикалами.

По словам врача, витамин C также усиливает активность иммунных клеток, таких как лимфоциты, фагоциты и естественные клетки-киллеры, ответственные за обнаружение и уничтожение вирусов и бактерий. Богатыми пищевыми источниками этого витамина служат красный перец, цитрусовые, клубника, киви, брокколи и помидоры.

Ключевую роль в производстве и активации T-клеток, необходимых для защиты организма от инфекций, играет цинк. Его не рекомендуется принимать вместе с железом. Железо помогает вырабатывать гемоглобин, белок в красных кровяных тельцах, который транспортирует кислород по всему организму. Именно благодаря железу снижается риск анемии и повышается работоспособность.

В осенне-зимний период важно укреплять психику. Исследования показывают, что жирные кислоты омега-3 могут улучшать настроение и снижать тяжесть депрессии. Омега-3 можно потреблять как в добавках, так и в естественном виде.

**www.ura.news**

# ŞUGUNDYRYŇ PEÝDASY



☑ Şugundyryň suwy ýürek-damar ulgamynyň we beýniniň işine oňat täsir edýär. Bu täsir käbir himiki maddalaryň beden tarapyndan gaýtadan işlenmegi bilen baglydyr. Saglygy berkitmek üçin şugundyr suwuny 10 gün yzygiderli içmek ýeterlikdir. Çünki bu peýdaly içgi 10 günde-de agyz boşlugynyň we içegeleriň mikrobiomasyna ep-esli täsir edip biler. Ýokumlara we nitratlara baý bolan şugundyr suwuny her gün 2 wagtyna içmek oňat täsir berýär. Ol bedende peýdaly bakteriýalaryň derejesini görnetin ýokarlandyrýar.

Bu peýdaly önümiň ýapraklary hem ýokumlara baýdyr. Hut şonuň üçin hem şugundyryň ýapraklaryndan dürli tagamlar taýýarlanylýar. Aýratyn hem güýz we gyş paslynda bu peýdaly önümi köpräk iýmek maslahat berilýär.

**Aýjahan MOLLAÝEWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýat Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

# ЮНИОРСКИЙ ЧМ ПО ТЯЖЕЛОЙ АТЛЕТИКЕ

☑ Туркменский спортсмен Шахзадбек Матякубов установил новый мировой рекорд в толчке в весовой категории до 102 кг на юниорском чемпионате мира по тяжелой атлетике в Испании. Об этом сообщает пресс-служба Международной федерации тяжелой атлетики (IWF).

20-летний штангист поднял штангу весом 216 кг, превзойдя предыдущий рекорд на 1 кг, который также был установлен на чемпионате мира представителем Бразилии.

В сумме двоеборья (175+216) Матякубов набрал 391 кг, что принесло ему золотую медаль юниорского первенства планеты.

***

☑ Туркменская тяжелоатлетка Анамджан Рустамова завоевала малую бронзовую медаль в упражнении рывок на молодежном чемпионате мира по тяжелой атлетике, проходящем в испанском Леоне. В весовой категории до 81 кг Рустамова подняла 103 кг в рывке, что позволило ей занять третье место в этом упражнении.

В общем зачете двоеборья Рустамова показала результат 230 кг, заняв четвертое место. В упражнении толчок она подняла 127 кг, что принесло ей пятое место.

Победительницей в этой категории стала Эмма Погосян из Армении с результатом 233 кг (100+133), серебро досталось Ванессе Эрнандес из Мексики – 232 кг (104+128), а бронзу завоевала иранская спортсменка Екта Джамали – 231 кг (104+127).

В чемпионате мира участвовали более 350 спортсменов из 67 стран.

**www.turkmenportal.com**






# HOLAND

## «MANÇESTER SITI»-NIŇ DÜZÜMINDE 105 OÝUNDA 100 GOL GEÇIRIP, RONALDUNYŇ REKORDYNY GAÝTALADY

☑ «Mançester Sitiniň» 24 ýaşly norwegiýaly hüjümçisi Erling Holand kluby oýnan üçin 105-nji duşuşygynda 100-nji goluny geçirdi. Holand ýubileý goluny Premýer-liganyň 5-nji tapgyr duşuşygynda, Mançester şäherinde «Etihad» stadionynda «Arsenala» garşy duşuşykda geçirdi. Duşuşyk 2:2 hasabynda tamamlandy.

Holand «Sitiniň» düzümine 2022-nji ýylyň iýulynda geçdi. Norwegiýaly futbolçy Ýewropanyň Top-5 ligasynda 100 goly iň gysga wagtda geçirmekde Krіştianu Ronaldunyň rekordyny gaýtalady. Portugaliýaly ýyldyz oýunçy Madridiň «Realynda» oýnaýan wagty 105 oýunda 100 gol geçiripdi.

**www.tmcars.info**